**Öwez GÜNDOGDYÝEW, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Türkmenistanyň, Merkezi Aziýa we Gündogar halklarynyň medeni mirasy Döwlet institutynyň arheologiýa we etnologiýa bölüminiň müdiri**

# AŞGABAT
# – KERAMATLY ÄRSAGYŇ ŞÄHERI

**Elektron görnüşe geçiren: Pälwan Muhyýew**

*Aşgabat şäheriniň*
*2500 ýyllygyna bagyşlanýar*

***Biz paýtagtymyzyň özüniň belent wezipesine we onuň taryhda oýnamaly, ozaly bilen-de asudalygyň, ylalaşygyň we milli galkynyşyň merkezi hökmünde oýnamaly möhüm roluna doly derejede laýyk gelmegi ugrunda çalyşýarys. Ýarym asyr mundan ozal weýrançylykly ýer titremesini başdan geçiren we harabaçylyklardan täzeden dikelen Aşgabadyň ykbalyna ähli türkmenleriň esasy şäheri, olaryň birleşýän ýeri hem-de türkmen döwletliliginiň daýanjy bolmagyň kyn hem-de bagtly paýy düşdi.***

**BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY**

## GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

Eziz halkym!

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# GIRIŞ

***XXI asyrda Aşgabat dünýäniň iň owadan, adamlaryň ýaşamagy üçin has kämil hem-de has oňaýly şäherleriniň birine öwrüler.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Türkmenleriň paýtagt şäheri bolan Aşgabat Köpetdagyň dag gerişleriniň we Garagum çölüniň aralygyndaky düzlükde ýerleşýär. Aşgabadyň welaýat merkezleriniň hemmesine diýen ýaly deň aralykda ýerleşmegi onuň belläp geçmeli esasy aýratynlygydyr. Şäheriň amatly ýerde ýerleşmegi, demirýol aragatnaşygynyň ir ýola goýulmagy onuň diňe bir esasy dolandyryş merkezine däl-de, eýsem, Türkmenistanyň iri söwda-senagat merkezine öwrülmegine mümkinçilik beren ýagdaýlardyr.

1991-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 27-sine Aşgabat şäheri garaşsyz Türkmenistan döwletiniň paýtagtyna öwrüldi. 1995-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 12-sine bolsa ol Bitarap döwletiň paýtagty hökmünde tanalyp ugraldy. Şol gün Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesini resmi taýdan ykrar edipdi. «Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy BMG-nyň «Müňýyllygyň Assambleýasy» diýen maslahatynda eden çykyşynda: «Bitaraplyk munuň özi tebigydyr we milletiň bütin içki ruhy gurluşynyň yzygiderli ösüşiniň netijesidir, ýaş döwletiň daşary syýasat ugrunyň halkara syýasy meýdandaky öz ornuna düşünmek bilen türkmeniň daşarky dünýä garaýşynyň taryhy däpleriniň bir bütewi akaba goşulmak ugrunyň netijesidir»[1] diýip belledi.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ýurduň binagärleriniň öňünde Aşgabadyň – Bitarap döwletiň paýtagtynyň derejesine laýyk gelmegi üçin, dünýäniň iň owadan merkezleriniň birine öwürmegiň wezipesini goýdy. Hut Türkmenistanyň Prezidentiniň özüniň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan taslamalar esasynda, Aşgabadyň az döwrüň içinde «Aziýanyň dürüne» öwrülmegi gazanyldy. Şäher özüniň täze gurlan dolandyryş, senagat, medeniýet we ýaşaýyş jaý ulgamlarynyň gözelligi bilen göreni haýran galdyrýar. Häzirki Aşgabadyň binagärçiligi türkmen binagärçiligine we döwrebap şäher gurluşygyna mahsus bolan iň gowy däpleri özünde jemleýän aýratynlyklar bilen tapawutlanar.

Biziň gözümiziň alnynda täze şäher – gelejegiň şäheri dünýä inýär. Ýöne Aşgabat birden döräýmedi. Mähriban şäheriň her bir garyş ýeri henize çenli ýazylmadyk gadymy taryh baradaky şaýatnamalardan doly. Aşgabadyň XX asyrdaky taryhy barada azda-kände maglumat bar hem bolsa, onuň gadymyýetine degişli käbir makalalardan başga bütewi bir iş ýazylmady. Onuňam sebäbi patyşa goşunlary tarapyndan, 1881-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda, şäheriň «adybir Ashabad obasynyň golaýynda» düýbüniň tutulandygy hakdaky maglumatyň indi ýüz ýyldan gowrak wagt bäri biziň boýnumyza dakylyp gelinmegidir. Bu

sene sowetler zamanynda ýeke-täk dogry sene hökmünde ykrar edilensoň, Aşgabat şäherine bagyşlanylyp çykarylan neşir önümleriniň ählisinde şu maglumat öňe sürülýärdi.[2]

Bu neşirleriň sebäpkärleri arheologlaryň, taryhçylaryň we dilçi alymlaryň eden açyşlaryndan bihabar bolan-a däldirler-dä? Beýle däl bolsa gerek. Baryp 1915-nji ýylda E.Teýle diýen alymyň Aşgabatda çap edilen işinde Aşgabadyň töweregindäki gadymy obalaryň we mazarystanlyklaryň onusy hakda gürrüň berilýär[3]. 1955-nji ýylda bolsa akademik A.A.Roslýakowyň hut Aşgabadyň we onuň töwerekleriniň gadymy ýadygärlikleri hakyndaky çyzgylardyr suratlar bilen bezelen giňişleýin makalasy çap edilipdi? Bu alymyň ýolbaşçylygynda, b.e. öňki III müňýyllykdan başlap, b.e. XIX asyryna çenli wagt aralygyna degişli ýurdumyzdaky 108 sany ýadygärlik öwrenilipdi.[4]

Belli dilçi alym A.Poseluýewskiý we arheolog A.A.Maruşşenko dagy hem Aşgabadyň gadymy şäherdigini nygtapdyrlar. Ýöne 1957-nji ýylda A.Babaýewiň we Z.Freýkiniň (Aşgabatda), W.B.Žmuýdanyň (Moskwada) şol bir «Aşgabad» diýen at bilen neşir edilen kitaplarynda bu maglumatlara üns berilmändir. Şondan iki ýyl geçenden soň, belli taryhçy S.G.Agajanow öz ýazan makalalarynyň birinde, Aşgabadyň gadymy oturymly ýer hökmünde (arakesmeleri hem hasaba alanyňda) iki müň ýyldanam gowrak wagt bäri adygyp gelýändigini açykdan-açyk nygtap belledi.[5]

Iň bir gyzykly ýeri-de A.Babaýew bilen M.Şneýeriň «Turkmenowedeniýe» žurnalynyň (Aşgabat, 1930, – №XI) maglumatlary esasynda Aşgabat şäheri hakda söz açyp, onuň 1881-nji ýylda tarpdan düýbi tutulandygy hakynda belläp geçmekleridir. Žurnalyň şol sanynda bolsa şäheriň merkezine telefon simini geçirmek üçin çukur gazylanda, gadymy suw geçirijisiniň üstüniň açylandygy barada hem habar berilýär. Onuň üstesine-de, bu ýazarlar Aşgabadyň taryhyndanam söz açmaga synanyşýarlar.[6] Olar 1881-nji ýylda şäheriň düýbüniň tutulandygy hakda gürrüň berip: «Arheologlar, takmynan, iki müň ýyl mundan ozal Aşgabadyň häzirki ýerleşen ýerinde henize çenli näbelli bolup gelen şäheriň bolandygyny subut edýärler» diýip, sözleriniň üstüne goşýarlar.[7] Bu setirlerden bolsa olaryň öz pikirlerine garşy gidýändikleri görnüp dur. Ýöne olary tankyt etmegiň geregi ýok, sebäbi ol döwürde merkeziň resmi taýdan kabul eden senesini üýtgetmek kyn zatdy. Soňra, garaşsyzlyk zamanynda şu setirleriň ýazary[8], taryhçy M.Durdyýew[9] binagär R.Myradow[10] dagy şäheriň adynyň asyl manysyna ýalňyş garaýyşlaryň bolşy ýaly, onuň esaslandyrylan senesi baradaky maglumatlaryňam nädogrudygyna birnäçe gezek okyjylaryň ünsüni çekdi. Aşgabady antik döwründe ýüze çykan şäher hasaplaýan O.A.Hajyýewa hem 1986-njy ýylda bu şäheriň käbir binagärçiligi boýunça goran alymlyk dissertasiýasynda, onuň düýbüniň tutulan senesine täzeden seredilmelidigini aýratyn belläpdi.[11] Ýöne aýry-aýry taryhy öwrenijiler hünärmenleriň getirýän ähli maglumatlaryny ret edýärler. Mysal üçin, 1999-njy ýylda neşir edilen «Туркменистан сегодня и завтра» atly salgynamada: «Paýtagtyň düýbi 1881-nji ýylda tutuldy...» diýilýär.[12] Ynha, ýene bir mysala ýüzleneliň: «1881-nji ýylda düýbi tutulan şähere oňa ýanaşyk obanyň – Ashabadyň ady dakylypdyr».[13] Bu sözler ýaňy-ýakynda (2004ý) neşir edilen suratlar ýygyndysyndan alyndy. Görnüşine görä, Aşgabady gadymylygyndan mahrum ediljek bolunýana meňzeýär. 1881-nji ýyl – ine bar bolany! Haçana çenli biz 1881-nji ýylda patyşa hökümeti tarapyndan esaslandyrylan «söýgi şäheri» hakdaky ertekileri diňläp gezmeli?! Biz patyşa hökümetiniň şäheriň soňky gurlan bölegini abadanlaşdyrmak boýunça alyp baran uly işlerini inkär etmek islemeýäris, ýöne şol bir wagtyň özünde hem şäherimiziň XIX asyrda esaslandyrylan diýlip hasaplanmagy bilenem düýbünden ylalaşmaýarys. Öz taryhymyza sowuk-sala çemeleşmegimizi bes etmegiň wagty

ýetdi. Biz XX asyryň aýagynda Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň paýtagtyna öwrülen şäheriň düýbüni gadymy döwürlerde tutan ata-babalarymyzyň hatyrasyny belent tutmalydyrys.

## AŞGABADYŇ TARYHYNYŇ GADYMY SAHYPALARY

***Eger harabalyklara dil bitsedi, onda gadymy wakalar göz öňümizde janlanardy.***

**Ibn Sina (XI asyr)**

Baryp gadym zamanlarda Köpetdagyň eteklerine adamlaryň nazary düşüpdir. Günorta Türkmenistanyň medeni ösümlikleriň dörän dünýä merkezleriniň biri bolandygy birmahal subut edildi. XX asyryň 20-nji ýyllarynda akademik N.I.Wawilow Türkmenistanyň ilkinji ekerançylaryň watanydygyny aýdypdy. Soňky ýyllarda geçirilen gazuw-agtaryş işleri bolsa bu çaklamanyň dogrudygyny tassyklady.

Köpetdagyň gerişleri bilen Garagum çölüniň aralygyndaky düzlükde neolit eýýamynda, ýagny, b.e. öňki VI müňýyllykda gadymy ekerançylyk obalary peýda bolupdyr. Şol döwrüň adamlary bu ýerde palçykdan jaý salmaga başlaýarlar. Bu synanyşyklar binagärçilik – jaý gurluşygy boýunça ilkinji synanyşyklar hasap edilýär. Şonuň ýaly-da, olar bugdaý ösdürip ýetişdiripdirler we haýwanlary eldekileşdiripdirler. Ýurdumyzyň günortasyndaky bu eýýama degişli ýadygärlikleriň hemmesi Aşgabatdan 20 km demirgazyk-günbatarda ýerleşen gadymy Jeýtun obasynyň ady bilen atlandyrylýar. «Jeýtun medeniýetine» (Bütindünýä arheologik sözlüge ol hut şu at bilen girdi) degişli gadymy obalar Gökdepäniň golaýyndan hem tapyldy (Çopandepe, Pessejikdepe we beýlekiler).

Bu gadymy obalaryň hemmesi hem Aşgabatdan beýle bir uzakda ýerleşenoklar. Pessejikdepedäki ybadathanadan adamlaryň, haýwanlaryň we ş.m. zatlaryň şekillerini alamatlandyrýan diwar nagyşlarynyň tapylmagy hasam gyzyklydyr. Pessejikdepeden tapylan suratlar Çatalguýukdan (Türkiýe) tapylan suratlara garanda has gadymy hasaplanylýar we bu günki gün olar dünýädäki iň gadymy suratlardyr.[14] Jeýtun medeniýetine degişli ähli ýadygärliklerde dänäni külkelemek üçin ulanylan gurallaryň, Jeýtunyň özünde bolsa çakmak daşyndan ýasalan päkileri bolan agaç oraklaryň we däneli ösümlikleriň galyndylarynyň tapylmagy gadymy ekerançylykdan habar berýär. Bu tapyndylaryň hemmesi Oksford uniwersitetiniň barlaghanasynda jikme-jik derňew edildi. Alnan netijeler jeýtunlylaryň bugdaýyň gögerşe uýgunlaşdyrylan birnäçe görnüşlerini: ýalaňaç däneli bugdaýy we çörek bugdaýyny ösdürip ýetişdirendiklerine anyk şaýatlyk edýär. Eýýäm b.e. öňki III müňýyllykda türkmenleriň ata-babalary bu günki gün «Ak bugdaý» adyny alan bugdaýyň ýokary hasyl berýän görnüşlerini oýlap tapypdyrlar.[15] Şonuň üçin, Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy ylmy barlaglara esaslanmak bilen mukaddes Ruhnamada: «Taryhy maglumatlar maňa ak bugdaýyň ilkinji watanynyň Türkmenistandygyny düşündirdi. Bäş müň ýyl mundan ozal Änewiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumy tapylan bolsa, biz «Türkmenistan – ak bugdaýyň Watany!» diýip, arkaýyn aýdyp bileris»[16] diýip ýazýar.

Köpetdagyň dag etek zolagyna degişli ýerler kiçeňräk dag çeşmeleri we derýajyklary arkaly suwarylypdyr. Arheologlar G.N.Lisisina we W.I.Sarianidi: «Ýaz gelip, ýagyş ýagmaga we daglardaky garlaryň eremäge başlaýan döwründe bu derýalar suwdan dolup, gyrmançalary akdyryp alyp gaýdyp, silleriň döremegine sebäp bolýarlar. Sil suwlary düzlüge baryp ýetende, tekiz takyrlyk bolan giň meýdanlara ýaýylýarlar we ösümlikleriň

ýaşamagy we iýmitlenmegi üçin zerur bolan kaliý-duzlary bilen topragy baýlaşdyryp, ýukajyk gyrmançaly gatlagy emele getirýärler. Ygalyň az ýagmagy sebäpli bu duzlar topragyň aşaky gatlaklaryna siňip gitmeýär. Şonuň üçinem gurak howaly ýurtlaryň topraklary, adatça, aram zolagyň topraklaryna garanda has köp hasyl berýärler. Talaba laýyk suwarylynda toprak örän bol hasyl eçilýär we çylşyrymly zähmeti talap etmeýär. Şu ýagdaý hem hut şu ýerde gadymy oturymly ekerançylyk obalarynyň döremegine sebäp bolupdyr».[17]

Ekinler daglardan akyp gaýdan derýalaryň giň joşgunlarynyň emele gelen ýerlerindäki takyrlyklara ekilipdir. Suwy ýörite galdyrylan çilleriň kömegi bilen gabap, emeli kölleri döredipdirler. Suw siňenden soň, ýumşan topraga däneli ösümlikleriň tohumlaryny atypdyrlar we topragy dörüpdirler. Ýeri suwarmagyň bu usuly ýönekeýligine garamazdan, urugyň ähli agzalarynyň gatnaşmagyny talap edipdir. Bu döwürde Köpetdagyň dagetek zolagy tutuşlygyna uly bolmadyk obalar (Namazdepe, Altyndepe, Ulugdepe), ekerançylyk ýaýlalary bilen gurşalypdyr.

Aşgabadyň töwereklerini Aşgabat, Köşi, Garasuw, Bagyr, Änew ýaly kiçeňräk derýalaryň birnäçesi suw bilen üpjün edýär. Olaryň hemmesi daglaryň düýbünden çogup çykyp, ýerasty suwlardan gözbaş alýar. Çaksyz beýik bolmandygy we jöwzaly Garagum çölüniň golaýynda ýerleşendigi sebäpli, Köpetdagda buz gatlaklary we gyşyn-ýazyn eremän duran garlar bolmaýar. Şonuň üçinem, bu ýerde uly derýalar ýok. Derýajyklar we çeşmeler bolsa bol suwly bolmandyr. Bu ýagdaý gadymy obalaryň daş görnüşlerine öz täsirini ýetirip, olaryň kiçeňräk bolmaklaryna we suw akabasynyň boýunda ýerleşmeklerine sebäp bolupdyr.[18]

Bu ýerde bar zadyň gözbaşy – suw! Suw barmy – ýer hasyl berýär, ol akmasyny bes etdimi – ýaşara başga ýer gözläber. Hut «Jeýtun medeniýetine» degişli obalaryň ýitip gitmegine-de şu ýagdaý sebäp bolupdyr. Adamlar gurap galan derýalary, kärizleri, öz watanlaryny taşlap gitmäge mejbur bolupdyrlar. Ilkinji ekerançylaryň ýaşan ýerleridigine garamazdan, Aşgabadyň töwerekleri ilatynyň köplügi bilen tapawutlanmandyr. Oňa-da suw baýlyklarynyň çäkliligi sebäp bolupdyr.

Häzirki Ruhabat etrabynyň çäklerinde ýerleşýän köp obalaryň ýaşaýjylary b.e. öňki II müňýyllykda gündogara – Tejen, Murgap ýaly uly derýalaryň boýlaryna tarap süýşýärler. Alymlaryň käbiri, munuň şeýle bolmagyny, guraklyk döwrüniň başlanyp, suw ýetmezçiligi sebäpli, taýpalaryň bir böleginiň bu ýerleri terk etmäge mejbur bolandyklary bilen baglanyşdyrsalar, käbiri bolsa ilatyň sanynyň çalt köpelip, dag etek zolakda ekerançylyk bilen meşgullanmagyň ykdysady mümkinçilikleri bilen bir ýere sygyşmazlygy zerarlydyr diýip düşündirýärler[19].

Biz eneolit we bürünç eýýamlaryna degişli obalaryň Aşgabadyň daşyny gurşap durandyklaryny görýäris. Ýöne şäheriň öz çäginde henize çenli gadymy medeni gatlaklar ýüze çykarylanok. Munuňam öz sebäpleri bar: Birinjiden, henize çenli bu babatda ýörite barlaglaryň maksatnamalary işlenip taýýarlanylmandy. 1948-nji ýylyň ýer titremesinden soň, bar ünsüň şäheri tizden-tiz dikeltmäge gönükdirilendigi sebäpli, jaýlar salnanda gadymy tansygyň (keramikanyň) tapyndylaryna eýeçilik gözi bilen garamak hiç kimiň kellesine-de gelmändir. Ikinjiden, arheologlar A.A. Maruşşenko we W.A. Ranow baryp XX asyryň ortalarynda, Aşgabat derýasynyň akabasyndan daş eýýamyndaky adamlaryň guraly bolan çakmak daşyndan ýasalan nukleusy tapypdyrlar. A.A. Maruşşenko Aşgabatda barlag işlerini geçirenden soň, şäheriň ilkidurmuş adamlarynyň ýaşan gadymy obasynyň ýerleşen ýerinde bina edilendigi baradaky netijä gelipdir[20]. Üçünjiden, Aşgabat gözümiziň alnynda ösüp-

örňäp barýar. Tiz wagtdan ady tutulan gadymy obalaryň hemmesi hem bu şäheriň çägine girer (olaryň bir bölegi eýýäm şähere girdi). Şonuň üçinem, bu arheologik ýadygärlikleriň hemmesini Aşgabat şäheriniň ýadygärlikleri diýip hasaplamak bolar.

Biz Aşgabat derýajygynyň şu töwerekdäki beýleki derýajyklardan has uludygyny bilýäris. Şeýlelikde, Aşgabat şäheriniň häzirki ýerleşýän ýerinde düýbi tutulan gadymy obanyň şu golaýdan akyp geçen çeşmejikleriň boýunda ýerleşip, beýleki obalardan has iri boljakdygyny çaklamak mümkin. Hut şonuň üçinem, bu ýerde ýaşaýyş ýok bolup gitmändir. Bu ýerde gadym döwürlerden bäri bugdaý, arpa, üzüm, bag we bakja ösümliklerini ösdürip ýetişdiripdirler. Ahemenileriň häkimlik eden ýyllarynda (b.e. öňki VI – IV asyrlar) kärizler giňden ulanylyp başlapdyr. Guýy suwlary goşmaça suw baýlygy bolup hyzmat edipdir. Kärizleri gurmak uly kynçylyklary döredipdir. Şonuň üçinem, ahemeni ýolbaşçylary bu desganyň gurluşygyny höweslendirmek maksady bilen, kärizleriň ugrundan ony gurýanlara bäş arka ulanmak mümkinçiligi bilen ýer beripdirler. Ata-babalarymyzyň köp zähmeti talap edýän şol kärizleri gazmak arkaly suw bolçulygyny döredip, ekerançylygy ösdürip, abadan durmuşy kemala getirmek ugrundaky yhlaslaryny ýatlap, Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle ýazýar: «Uzynlygy birnäçe kilometre ýetýän käriz gazyp, gara dagyň astyna nagym-tunnel çekip, dag astynda ýatan bal ýaly suwy ekin meýdanlaryna akdyrypdyrlar. Käriz örän çylşyrymly suwaryş desgasy. Kärizgenler birnäçe kilometr alyslykdan dagyň aşagyna garşy nagym gazyp başlaýarlar. Her otuz-kyrk metrden guýy gazyp, köwden çykýan daşy-gumy nowa bilen daşaryk çekýärler. Şol guýularyň başynda dag ýaly üýşüp duran gumy göreniňde, ata-babalarymyzyň durmuşy nä derejede söýendigine göz ýetirmek bolýar. Ýalaňaç, köse, üsti ygalsyz, çaý-çeşmesi az bolan daglardan ata-babalarymyz durnagöz suwy ekin meýdanyna akdyrypdyrlar».[21]

Ahemeniler döwründe (b.e. öňki VI – IV asyrlar) diňe bir Aşgabadyň töwereklerinde däl, eýsem, şäheriň öz çäginde hem gadymy obalar döräp başlaýar. Bularyň hataryna Aşgabadyň günorta-gündogarynda ýerleşýän Akdepe galasy (Köşüde) şäheriň demirgazyk-günbatarynda ýerleşen, süýnmek görnüşli Ýasydepe, aýna öndürýän kärhananyň golaýyndaky ýerleşýän, daşyna seňňer aýlanan atsyz harabaçylyk we başga-da birtopar maýda ýadygärlikler girýär[22].

Ine, indi biz Aşgabadyň öz çäginde we töwereklerinde ýerleşýän galalaryň (Änew, Jeýtun, Owadandepe we beýlekiler) onuň nesilbaşylarydygyny aýdyp bileris. Aşgabadyň galalaryndan we gadymy harabaçylyklaryndan tapylan tansyklaryň biziň eramyzdan öňki VI – V asyrlara degişlidigi anyk bellidir. Şeýlelik bilen, arheologlar tarapyndan tassyklanan bir maglumaty gaýtalap bileris – Türkmenistanyň paýtagtynyň ýaşy 2500-den az däl! Şunuň bilen baglanyşyklylykda, mähriban şäherimiziň düýbüniň tutulan senesine täzeden garamagy bolsa teklip edýäris. Patyşa goşunlary tarapyndan bu ýerde berkitme gurulmagy rus ýolbaşçylarynyň şäheriň ikinji – ýewropa bölegini ösdürmäge başlandyklaryna şaýatlyk edýär. A. Batyrow bilen Z. Freýkiniň bellemegine görä, Aşgabada hem «Samarkanda, Daşkende we Orta Aziýanyň beýleki köne şäherlerine mahsus bolan köne we täze, ýewropa we aziýa böleklerine bölünmek häsiýetli bolmandyr»[23]. Bu asla beýle däl! Patyşanyň gulamlaryna Türkmenistanyň merkezinde täze şäheri gurandyklaryny äleme buşlamak has bähbitli bolupdyr. Eger bu şeýle bolýan bolsa, 1881-nji ýylda bu ýerde berkitme gurlandygy hakyndaky maglumaty nähili kabul etmeli? Eýýäm 1882-nji ýylda ol nädip şähere öwrülip bildikä?[24] Häzirki zamanyň mümkinçiliklerine daýanybam bir ýylyň içinde şäheriň düýbüni tutmak mümkin däl. Ol döwürler-ä bu hasam mümkin bolmandyr, sebäbi ol oba hojalygy

bilen ýakyndan baglanyşykly bolupdyr. Ýöne bu ýagdaý Günorta Türkmenistanyň şäherlerine mahsus bolan aýratynlyk ahyry. Ruslaryň «şäher» diýip atlandyran Aşgabadynda şol döwürde 5-6 müň adam ýaşan bolsa, «oba» adyny alan Aşgabatda bolsa onlarça müň türkmen ýaşapdyr. Diňe 1948-nji ýylyň ýer titremesinden soň, Aşgabat ýewropa we aziýa böleklerine bölündi. Şäher baş meýilnama esasynda gurlup başlanandan soň bolsa, ähli tapawutlar ýene aradan aýryldy. Türkmenlerden ybarat bolan şäher ilatyny esassyz ýagdaýda şäheriň düzüminden çykaryp, ony oba ilaty diýip atlandyrypdyrlar. Şol wagt Ashabadyň «aziýa» böleginde senetkärler bilelişikleri, suw degirmenleri, on gat jaýyň beýikligindäki ýahhanalar (sowadyjylar), juwazlar, mekdepler, metjitler, uly gonamçylyklar ýaly şäherlere mahsus bolan hyzmat ojaklarynyň bolandygyna garamazdan şeýle edildi. Şu ykrar edilmedik Aşgabatda paýtagtyň senagatynyň we jemgyýetiniň ýüzi bolan aňly-paýhasly şahslary ösüp kemala geldi. Bu barada taryhçy M. Durdyýew şeýle ýazýar: «XX asyryň ilkinji ýigrimi ýylynda, şäheriň şu böleginiň ýaşaýjylaryndan Gürgeni, Mirzahyt Mirsyddyh ogly ýaly türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrlarynyň 500 sany kitabyny köp sanly nusgalarda, türkmen dilinde neşir edip ýaýradan milli gahrymanlar çykdy. Sowet häkimiýetiniň agalyk eden soňky 70 ýylynyň dowamynda şonça kitap neşir edilmändi. Mysal üçin, şäheriň uly köçeleriniň birine ady dakylan Nurmuhammet Andalybyň kitaplary 1900 – 1916-njy ýyllar aralygynda 50 gezek neşir edilen bolsa, ondan soňky ýyllarda bary-ýogy 7 gezek neşir edilipdir. Hut şu näbelli Aşgabatda türkmen milli medeniýetiniň ojagy öçmän saklanypdy»[25].

Şeýlelikde, Aşgabat 2500 ýyl mundan ozal döremek bilen, XIX asyryň ahyrynda patyşa goşunlarynyň eline geçende-de şäher bolmagyny dowam etdiripdir. Biziň eýýamymyzdan öňki VI – V asyrlarda dörän, uly bolmadyk bu şäher parfiýa döwletiniň gülläp ösen zamanynda (b.e. öňki III – b.e. III asyrlary) uly ähmiýete eýe bolupdyr.

## TÜRKMENLER – PARFIÝALYLARYŇ KOWMY

***Türkmen taryhynda beýik Parfiýa döwletini gurup, rimliler bilen darkaş guran Ärsag şa öz döwründe ylahy Ärsag şa adyny göteripdir.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Türkmen halkynyň taryhynda parfiýalylaryň tutýan ägirt uly orny hakynda gürrüň bermän, gadymy Aşgabadyň taryhyny yzarlamak mümkin däl. Nusaý welaýaty hakynda (Aşgabadyň we onuň töwerekleri bu welaýata degişli bolupdyr), baryp-ha otparazlyk dininiň mukaddes kitaby bolan «Awestada» hem aýdylýar. Hut şol ýerde hem turlaryň ýurdy ýa-da ýaşaýan ýeri hökmünde «Turan» diýen ýurduň ady tutulýar. Arheolog I.N. Hlopiniň pikirine esaslanylsa, «onda «Awesta» kitabynda ady tutulýan turlaryň Hazar deňziniň günorta-gündogar kenarlarynda (Gürgen, Etrek we Sumbar derýalarynyň jülgelerinde) ýaşapdyr diýen netijä gelmek bolýar.[26] «Awesta» kitabynda hon (hunlar), dan, saýrim (sarmatlar), saýin, dah ýaly tur taýpalarynyň hem ady tutulýar. Bu taýpalaryň hemmesini «skif» adalgasy arkaly aňlatmak mümkin. Grek taryhçysy Gerodot (b.e. öňki V asyr) skifleriň Merkezi

Aziýadan gelendiklerini aýdyň ýazýar we olara garyndaş taýpalar bolan kimmeriýleriň, massagetleriň, issedonlaryň atlaryny hem agzap geçýär.[27] Grek geografy Strabon bolsa skif taýpalarynyň sanawyny dowam edip: «Kaspiý deňzinden başlap, skifleriň esasy köpçüligini daýlar diýip atlandyrýarlar. Daýlardan gündogarrakda ýaşaýan taýpalara massagetler we saklar diýýärler. Beýlekilere bolsa umumylaşdyryp skifler diýäýýärler, ýöne her taýpanyň öz ady hem bar... Aýratynam, greklerden Baktrianany gaňryp alan asylar, pasianlar, toharlar we saharawyllar meşhurlyk gazandylar... Massaget we sak taýpalaryna attasylar we horasmiler (horezmliler – Ö.G.) hem degişlidir» diýip ýazýar.[28]

Gündogar ýazarlarynyň hiç biriniňem öz eserlerinde «skif» sözüni ulanmandyklaryny belläp geçmek gerek. Olar bu taýpalara «saklar» diýýärler. Gadymy günbatar taryhçylary we geograflary bolsa şol bir taýpalara başga-başga atlary berýärler. Bu ýagdaýy gadymy ýazarlaryň öz salgylanan maglumatlaryny dürli çeşmelerden alandyklary bilen düşündirmek bolar. Ol çeşmeleriň käbirinde ýoýlan atlar täze halkyýetleriň ady hökmünde kabul edilipdir. Oguzlaryň – türkmenleriň 24 taýpadan ybarat bolşy ýaly, bu köp sanly taýpalary hem bir halkyň taýpalary we uruglary hasaplamak gerek. Bu taýpalaryň hemmesini bir at bilen – turlar ýa-da turanlylar diýip atlandyrylyp bolar. Olar gadymy Türkmenistanyň (taryhy Turanyň) ýaşaýjylarydyr. Biraz soňrak saryklary, aorslary, roksolanlary, ýazyklary özünde jemleýän sarmat bileleşigine ýolbaşçylyk eden beýleki taýpalar – alanlar hem meşhurlyk gazanypdyrlar.[29] Elbetde, bu taýpalaryň hemmesiniň hojalyk ýagdaýlary birmeňzeş bolmandyr, ýöne hut şolar türkmen halkynyň emele gelmegine esas bolup, bir çäkde ýaşan, bir bütewi syýasy gurluşa eýe bolan birleşigi düzüpdirler.[30]

«Skif» sözüniň özi assiriýa we wawilon dillerinde «aşkuz», «işkuz», «asguz» ýaly ýaňlanyp, O.Süleýmenowyň pikirine görä, «içoguz» diýen söze ýakyn manyny aňladypdyr. Arheolog S.P.Tolstow hem günbatar çeşmelerinde gabat gelýän oguzlaryň käte «augaslar» diýlip atlandyrylýan massagetlerdigi baradaky netijä gelipdir. Arheologiýa ylmynyň nukdaýnazaryndanam turanlylaryň – massagetleriň, alanlaryň we soňra ýüze çykan oguz taýpalarynyň arasynda haýsydyr bir üýtgeşmeleri hem-de üzňelikleri tapmak mümkin däl. Bu ýagdaý turan taýpalarynyň (skifler, massagetler, alanlar) oguzlar – türkmenlerdigini habar berýär.[31] Hut şu maglumatlar hem balkar taryhçysy I.Miziýewe massagetleriň hut türkmenlerdigi hakdaky netijä gelmegine mümkinçilik berdi.[32] Ine, şu turanlylar hem Uzboýuň golaýynda iki gezek ahemeni patyşalyrynyň – Kiriň (b.e. öňki 530 ý.) we Dariýniň (b.e. öňki 515 ý.) goşunlaryny doly derbi-dagyn etdiler. Olar Aleksandr Makedonlynyň goşunyna hem üstünlikli garşylyk görkezip, makedon goşunbaşysy Farnuhyň iki müň adamlyk goşunyny kül-peýkun etdiler. Şeýlelikde, grek-makedon goşunlary Hazaryň kenarlaryna, Merkezi Garaguma we Demirgazyk Türkmenistana aralaşyp bilmediler. Aleksandryň dahlar bilen harby bileleşik döretmek barada şertnama baglaşandygy we olaryň bu serkerde bilen Hindistana ýöriş edendigi taryhda bellidir.[33]

Hut aparylar (parlar) tarapyndan dolandyrylýan turanlylar-dahlar doganlar Ärsagyň (Arşak) we Töredatyň ýolbaşçylygynda (b.e. öňki 245-nji ýylda), Günorta Türkmenistanda grek agalygynyň soňuna çykypdyrlar. Soňra olar Etregiň erkin ýaşaýyşly sebitlerinden döwletiň esasy binýadyna öwrülen Nusaý welaýatyna (häzirki Ruhabat etrabyna) göçüp gelipdiler. Ol ýerde Ärsaglaryň ata-baba mülki bolan Mihrdatkert (Nusaý) şäheri döräpdir. Takmynan, şol döwürde Ärsag wepat bolup, parnlara-dahlara Töredat ýobaşçylyk edip başlaýar. Ol täze Ärsagy döwletiň ilkinji hökümdarlygyny ykrar edip, nesilşalygy dowam etdirijidigini aňlatmak üçin, özüni Ärsag II diýip atlandyryp ugraýar. Gadymy döwrüň

ýazary Ýustin Pompeý Troga salgylanmak bilen şeýle ýazýar: «Parfiýalylar oňa (Ärsaga – Ö.G.) şeýle bir sarpa goýýardy welin, şondan bäri parf patyşalarynyň hemmesi Ärsag diýlip atlandyrylýar».[34]

Gadym döwürde Nusaý welaýatynyň Parfiýena diýip atlandyrylan wagtlary hem bolupdy. Arheolog I.N.Hlopin parfiýalylary Köpetdagyň demirgazyk etekleriniň, ýagny, häzirki Ahal welaýatynyň gadymy ýaşaýjylary hasaplamak bilen, Parfiýena welaýatyny Parfiýa şadöwleti bilen bir döwlet hasaplamaly däldigini ýörite nygtap geçýär. Türkmenistanyň kiçeňräk bir etrabynyň ýaşaýjylary soňra äpet şadöwleti gurup, oňa öz atlaryny beripdirler.[35]

Ýowuz söweşleriň netijesinde Türkmen-Parfiýa döwleti äpet şadöwlete öwrülipdir. Mihrdat I zamanasynda (b.e. öňki 171 – 138 ý.) bu şadöwlet has-da güýçlenipdir. Onuň ýolbaşçylygyndaky parfiýa şa döwletine gündogar tarapda Margiana, Baktriýadan gaňrylyp alnan uly bolmadyk Aspion we Turiwa satraplary (Maşat bilen Hyratyň aralygy) birikdirilipdir. Günbatar gapdalyndan bolsa Midiýa döwleti basylyp alynýar. B.e. öňki 141-nji ýylyň tomsunda bolsa Mihrdat I Wawilonyň (Babylyň) patyşasy diýlip yglan edilýär. Şeýlelikde, Türkmen-Parfiýa patyşalygy Orta we Ýakyn Gündogaryň ägirt uly döwletine öwrülýär. Mihrdat I «beýik» diýen mertebä mynasyp bolýar. Basylyp alnan ýurtlardan olja hökmünde alnan san-sajaksyz baýlyklar parfiýalylaryň ata Watanyna – häzirki Ruhabat etrabyna daşalypdyr.[36]

Mihrdat II zamanasynda (b.e. öňki 124/87-nji ýyllar) Türkmen-Parfiýa şadöwleti dünýädäki iň uly döwlete öwrülýär. Öz ata-babalary bolan dahlaryň göreldesine eýermek bilen Mihrdat II agyr ýaraglanan atly goşunyny giňden ulanyp başlaýar. Atlylaryň endamy şelpeli sowut bilen örtülipdir. Olaryň kellelerini bolsa gupba şekilli tuwulga gorapdyr. Ol esgerleriň atlarynyň göwresi hem şelpelerden örülen torlar bilen örtülipdir. Atlaryň demir maňlaýlyklary we göwüslikleri hem bolupdyr. Hut şeýle esbaply bedewlere atlanan ýigitler b.e. öňki 53-nji ýylda, Mark Krassyň şöhratly rim goşunlaryny Karyň eteginde derbi-dagyn edipdirler. Parfiýaly serkerde Süren bolsa öz adyny öçmejek şöhrata çolapdyr. Pompeý Trogyň (b.e. I asyry) bellemegine görä: «Parfiýalylar dünýäni rimliler bilen paýlaşyp, indi Gündogara hökümini ýöredýärler».[37]

Parfiýalylar tarapyndan üýtgeşik «şa ýoly» gurlup, ol ýol Uzak Gündogar bilen Ortaýer deňziniň kenarlaryndaky ýurtlary birleşdiren Beýik ýüpek ýolunyň esasyny düzüpdir. Bu Ýüpek ýoluny hut türkmenleriň ata-babalary esaslandyrypdyr. Parfiýa şahynşalygynyň paýyna bu söwda ýolunyň esasy we iň uzyn bölegi düşüpdir. Akademik W.W.Bartold bu barada: «Parfiýalylar biziň eýýamymyzdan öňki II asyrda, Hytaý bilen aralykdaky kerwen ýolundan beýleki halklara garanda has gowy peýdalanypdyrlar we Hytaý bilen Rim şadöwletiniň arasynda araçylyk etmek wezipesini özlerinde saklapdyrlar.... Parfiýanyň patyşasy Mitridat II dünýäniň, şol bir wagtyň özünde Gündogaryň beýik döwleti bolan Hytaý, şonuň ýaly-da, Günbataryň äpet şadöwleti bolan Rim döwleti bilen gatnaşyk saklan ilkinji hökümdarydy».[38]

Türkmen-Parfiýa şadöwletiniň ilçileri gepleşikler geçirmek üçin dünýäniň dürli ýurtlaryna tarap ýola düşüpdir. Parfiýaly täjirler Köne dünýäniň (Ýewropanyň) iň iri şäherlerinde söwda edipdirler.

Ähli ýerden kowlup çykarylýan indeýler, ilkinji hristianlar, maniheýler, buddaçylar hut zoroastrçylyk dinine uýýan parfiýalylaryň golastyna dumly-duşdan gaçyp gelýärdiler. Olar Günorta Türkmenistanyň şäherlerinde topar-topar bolup ýaşaýardylar. Beýleki dinlere

sabyrlylyk, beýleki halklaryň medeniýetine hormat goýmak ýaly geň galaýmaly häsiýetler türkmenleriň gadymy watanynda dürli dilleriň, dinleriň, ýazuwyň, ylmyň ösmegi üçin oňaýly şert bolup hyzmat edipdir. Dünýäniň akyldarlary şu ýerde jemlenipdir. Bütin dünýäde halklara alyş-çalyş serişdesi bolup hyzmat eden parfiýa zikgesi (drahma) giňden ulanylypdyr. Türkmenistanyň ähli şäherleriniň, ýagny Amulyň (Türkmenabat), Gürgenjiň (Köneürgenç), Merwiň, Sarahsyň, Abiwerdiň (Kaka), Gataryň (Änew), Nusaýyň üstünden söwda ýollary geçipdir. Iri şäherleri birleşdirýän ýollaryň ugrundaky uly bolmadyk galajyklarda harby bölümler we saklaw nokatlary ýerleşipdir. Bu ýerlerdäki kerwensaraýlarda täjirler dynç almaga mümkinçilik tapypdyrlar. Hiç kim täjiriň ýa-da syýahatçynyň göwnüne degmäge het edip bilmändir. Şeýdip, Türkmenistanyň şäherleri baýapdyr. Olar diňe bir iri söwda merkezlerine öwrülmän, eýsem, şol şäherlerde dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän önümleri: ýaraglary, söweş esbaplaryny, matalary, halylary, şaý-sepleri, süňkden ýasalan zatlary öndürýän senetçiler hem jemlenipdir.

Türkmen-Parfiýa döwleti Gündogarda tas 500 ýyllap diýen ýaly (b.e. öňki III asyrdan başlap, biziň eýýamymyzyň III asyryna çenli) agalyk edipdir. Bu wagt aralygyny, hakykatdanam, türkmen halkynyň gadymy taryhyndaky «altyn asyr» hasaplamak mümkin. Parfiýalylar öz kowumlaryna – diňe bir Beýik seljuk türkmen şadöwletiniň ykdysadyýetinde ajaýyp orun eýelän Beýik ýüpek ýoluny miras goýman, eýsem, olar parfiýa (ahalteke) atlaryny hem bütin dünýäde şöhratlandyrdylar. Parfiýalylar dünýäde ilkinji bolup, jigitçiligi (rysarçylygy) ýola goýdular. Rüstem hakyndaky türkmen-parfiýa eposy Orta Gündogaryň halklarynyň söýgüli eposyna öwrüldi.[39]

Gadymy Gündogaryň taryhynda Ärsaglaryň tutan orny barada taryhçy H.Patkanýan şeýle ýazypdyr: «Ärsaglar urugyna Aziýada, aýratynam, goňşy halklaryň arasynda uly hormat goýlupdyr. Islendik ýurduň patyşalygyna dalaş etmek üçin Ärsaglar urugyna degişli bolmak ýeterlik eken. Ärsaglar goňşy halklaryň tagtlarynda hem öz garyndaşlarynyň oturmagy üçin jan edipdirler. Şeýlelik bilen, Ärsaglar Persiýadan başga-da, Ermenistanda, Gruziýada, Agwaniýada we massagetleriň arasynda patyşalyk edipdirler».[40]

Turan taýpalarynyň, şol sanda parfiýalylaryň, aparnlaryň-dahlaryň atlary biziň günlerimize gelip ýetdilermikä? Bu barada şübhe bolup bilmez. Alanlaryň-aslaryň (ýaslaryň) adyny bu günki gün türkmenlere degişli alililer, olamlar, asa uruglary (çowdurlar, igdirler), alam (salyrlar, ýomutlar), ýazy (tekeler) we ş.m. göterýärler. Uly oguz taýpalarynyň biri bolan ýazyrlar (häzirki garadaşlylar) hem şu at bilen tanalypdyr.[41]

Saklaryň (skifleriň), sakarawylaryň atlary türkmenleriň sakar taýpasynda şeýle-de sakarly (ärsary), sakargalyk (baýat), sakgar (ata, gökleňler) diýen köp sanly uruglaryň atlarynda hem duş gelýär.[42] Kimmerililer (saklar-amirgililer), pasianlar we atasylar ýemreli, peçenek, atabaý (ýomut) we ata oguz-türkmenlerinden gelip çykypdyrlar.[43]

Dahlaryň (toharlaryň) halk hökmündäki ady, esasan, oguz taýpalarynyň biri bolan dükerleriň (tükerleriň) adynda saklanyp galypdyr. Hatda toharlar seljuk türkmenleriniň harby hereketlerine-de işjeň gatnaşypdyrlar. Akgoýunly we Garagoýunly türkmen döwletleriniň düzümine girýän taýpalaryň arasynda duharly taýpasy-da ýatlanylýar. Toharlaryň ady etnonim hökmünde ärsary, teke, çowdur, baýat, şyh, igdir, türkmenleriniň arasynda saklanyp galypdyr. Dähli, däli (abdal, alili, arabaçy, ärsary, gökleň, ýomut, sakar, salyr, teke, çowdur, esgi) ýaly türkmen tire-taýpalarynyň atlary hem dahlaryň ady bilen baglanyşyklydyr.[44] Parnlaryň hem ady saklanyp galypdyr. Bu taýpa ýaparly ady bilen oguz türkmenleriň esasy ganaty bolan sag (ýagny sak) ganatynyň düzüminde duş gelýär.[45] Şonuň ýaly-da,

Teýmirleňiň XIV asyrda parny taýpasy bilen Horasanda urşandygy bellidir.[46] Pürnekli (pornakly), parrylar taýpalar bolsa häzirem türkmenleriň düzüminde bar.[47]

Görşümiz ýaly, parfiýalylar-parlar hiç ýere ýitip gitmändirler. Olar türkmen halkynyň düzümine siňipdir. Rus gündogarşynasy N.Hanykow ýöne ýere Ärsaglary we olara degişli bolan taýpany – dahlary-parlary türki dilli halkyýet diýip atlandyrmandy. Parfiýanyň ilkinji patyşalary bolan Ärsagyň we Ärtabanyň atlarynyň bolsa türkmen dilinde ugurdaş sözleri bar: Ärsag («är sak»), ärlige ýetişen ýetginjege bolsa: «Är tabanly oglan» diýýärler. Parn taýpasynyň ady hem gadymy türk dilinden terjime edeňde «köpsanly» diýen manyny berýär.[48] Barlagçy A.G.Bokşşanin «daýy» diýen türkmen sözüniň türkmenleriň daýlar (dahlar) bilen garyndaşlyk gatnaşyklaryny görkezýändigini delillendirýär.[49]

«Pälwan» diýen türkmen sözüne bolsa parfiýalylaryň öz ady siňipdir. «Pahlawan» sözi «parfiýaly» sözüniň manydaşy ahyry.[50]

Şonuň ýaly-da, sungat öwrenijiler hem Günorta Türkmenistanyň parfiýa zamanasyna degişli tapylan ýadygärliklerde duş gelýän heýkeljikleriň egin-eşikleri we kelle örtgüleri bilen türkmen şaý-sepleri bolan gülýakanyň, çaprazçaňňanyň we kellä geýilýän börügiň arasynda doly meňzeşligiň bardygyny belläp geçipdirler.[51]

Aşgabadyň golaýynda ýerleşýän, parfiýa zamanyna degişli Mansurdepe atly ybadathanalar toplumynda taňsyk gap-gaçlaryň bölekleri tapylypdyr. Olaryň ýüzünde ýaş zenanyň we gartaşan erkek adamyň şekilleri bar. Alymlar şol böleklerde haýsydyr bir günbatar täsiriniň duýulmaýanlygyny esasy aýratynlyk hasaplaýarlar. Olar diňe ýerli şekillendiriş däplerine esaslanýan parfiýa sungatynyň ugurlarynyň mysallarydyr.[52] Bu şeýle bolýan bolsa, biziň öňümizde Türkmenistanyň Parfiýa zamanasyndaky ýaşaýjylarynyň keşbi dur. Bu şekillere seredip, iki müň ýylyň dowamynda türkmenleriň keşpleriniň asla üýtgemändigini aýdyp bileris!

Beýik seljuk türkmenleriň şadöwletiniň ilkinji soltany bolan Muhammet Togrul begiň 1035-nji ýylda türkmen soltany Mahmyt Gaznawydan Nusaý, Ferawan, Dehistan («dahlaryň ýurdy») sebitlerini diläp almagy ýönekeý bir tötänlikmikä? Mahmyt Gaznawy oňa we onuň garyndaşlaryna diňe bu ýerleri bagyşlamak bilenem çäklenmän, olara dahhan (dahlaryň hany) derejesini hem beripdir. Şol döwürlerde «daýhan» sözi «jenap», «jigit» (rysar) sözleri bilen manydaş söz hasaplanypdyr. Ýöne ol söz soňra başga mana eýe bolup, daýhan sözüne öwrülipdir. Muhammet Togrul begiň döwürdeşi, wizantiýaly taryhçy Mihail Pselliň (1018-nji ýylda doglan) ony «Parfiýa soltany» diýip atlandyrmagy hem tötänlik däl bolsa gerek?![53]

Şu zatlar barada gürrüň edýärkäk, biz Parfiýanyň ýüreginiň häzirki döwürde Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň çäginde ýerleşýändigini ýatda saklamalydyrys. Hut şu ýerde parfiýa zamanasyna degişli ýer-ýurt atlarynyň iň bir köp sanlysy ýüze çykaryldy.

1879-njy ýylda iňlis generaly G.Roulinson Rapaw atly türkmen obasynyň adynyň orta asyrlardaky şäherleriň welaýatyna degişli Ferawa şäheriniň adyndan gelip çykýandygyny habar berdi. Onuň sözlerine görä, bu ýeriň häzirki ady parn taýpasynyň ady bilen baglanyşykly bolmaly.[54] Bu ady diňe bir bu oba götermän, türkmenleriň mukaddes ýer hasaplaýan Parawbibi we Parawata kümmetleri hem şol at bilen tanalýar. Häzirki zaman ýomut halylarynda Ärsaglar öýüniň patyşalyk nyşany bolan labyryň şekilini görmek bolýandygyny hem ýatlalyň.[55] Şu maglumatlar türkmenleri parfiýalylaryň gös-göni kowmy hasaplamak üçin ýeterlikdir. Türkmenleriň taýpa we ýer-ýurt atlarynda turanlylara-dahlara degişli atlaryň köp duş gelýän wagtynda, olaryň arasynda parfiýalylara 500 ýyla golaý wagtlap hökümdarlyk edip, şan-şöhratlary köp asyrlara ýaň salan Ärsaglaryň nebere adynyň

gabat gelmezligi böwrüňi diňledýär. Ärsaglaryň ady bilen baglanyşykly ýer-ýurt atlaryny bir ýerden gözlemeli bolsa, onda munuň üçin gadymy türkmen patyşalygynyň dörän ýeri bolan Ruhabat etrabyndan başga ýeri saýlamak hiç kimiňem kellesine gelmez.

## AŞGABAT – ÄRSAGABAT
## («Aşgabat» sözüniň döreýşi hakynda)

***Men Aşgabady ýürekden söýýärin. Oňa bolan ogullyk söýgimiň atalyk söýgüsine öwrülýändigini men duýýaryn.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Häzirki döwürde «Aşgabat» sözüniň döreýşi barada birnäçe pikir bar. XX asyryň birinji onýyllyklarynda belli dilçi alym A. Poseluýewskiý bu şäheriň adynyň parfiýa patyşalarynyň haýsy hem bolsa biriniň ady bilen baglanyşyklydygy baradaky çaklamany öňe sürdi.[56]

XX asyrdaky dürli neşirlerde bu şäheriň ady aşakdakylar ýaly düşündirildi.

1. Taryhçy S.G. Agajanow: «Aşgabat – Ärsaglar şäheri».[57]

2. Jugrafiýaçy E.M. Mürzäýew: «Astarta atly hasyllylygyň we söýginiň zenan hudaýynyň şäheri».[58]

3. Dilçi alym S. Atanyýazow: «Aşgabat –Yşkabat («eşh» – söýgi we «abat» – mekan, şäher».[59]

4. Kinorežissýor A. Atajanow: «Aşgabat – Asabat («as» – asman, «abat» – mekan, şäher)».[60]

5. Atlantolog W. Şerbakow: «Aşgabat – Asgard (aslaryň şäheri)».[61]

Ine, Aşgabadyň ady bilen baglanyşykly esasy düşündirişler şulardan ybaratdyr. Olaryň arasynda iň ýörgünlisi Aşgabadyň «yşk şäheri», «aşyklaryň şäheri» diýmegi aňladýandygy baradaky düşünjedir. Ýöne bu örän ýakymly eşidilýänem bolsa, bu ýerde hemme zat şeýle bir aýdyňam däl. «Eşh» pars-arap sözi bolmak bilen türkmen dilinde «yşk» (söýgi) we «aşyk» diýlip okalýar.[62] Ýöne bu şähere Eşhabat, Aşkabat, ýa-da Aşykabat diýilmeýär ahyryn!

Ýokarda getirilen ikinji (bu düşündirişiňem tarapdarlary az däl), dördünji we bäşinji çaklamalar babatda aýdylanda bolsa, olaryň bary Aşgabat sözüne esas edip, «as» köküni alýandyklaryny we «Aşgabat» sözüniň «Aşg» we «abat» diýen iki bölege bölünýändigini hasaba almaýandyklary üçinem kabul ederlikli däldirler. Sebäbi «aşg» diýmek «as» diýmek däldir. Diýmek, diňe birinji düşündiriş galaýýar. Ony saýlap almaga esas barmyka? Hawa, şeýle etmäge taryhy maglumatlaram esas berýärler. Türkmen-Parfiýa şadöwletine baştutanlyk eden Ärsaglar neberesi hakda biz eýýäm gürrüň edipdik. Onuňam üstesine b.e. öňki VI – V asyrlarda Aşgabadyň häzirki ýerleşýän ýerinde dörän oba hut parfiýalylar zamanasynda ýeterlik derejede bolan berkitmä öwrülipdi. Dilçi alymlar hem şu pikiri goldaýarlar. Biz dilçi alym A. Poseluýewskiniň «Aşgabat» sözüniň Ärsaglar neberesinden

bolan haýsydyr bir patyşanyň ady bilen baglanyşykly bolmagynyň mümkindigi barada aýdan pikiri bilen tanyş bolupdyk.

Alym H. Ownuk bolsa orta asyrlaryň pars dilinde döredilen edebiýatynda bu neberäniň Aşganylar diýip atlandyrlandygyny tassyklaýar. Biz munuň şeýledigini Firdöwsiniň (XI asyr) goşgy setirleri arkaly hem subut edip bileris. Mysal üçin, onuň «Şanama» atly eserinde, aňyrsy pälwanlardan (ýagny, parfiýalylardan) bolan, söweşjeňlikleri bilen tapawutlanan, sasanylara gulluk eden we milady ýyl hasaby boýunça 590-njy ýylyň Nowruz aýynyň 9-nda sasanylar eýranynyň tagtyna çykan serkerde Bähräm Çubin aşakdaky sözler bilen sasanylara haýbat atýar:

Men kuwwatly,
gazaba münen ýolbars kimin topulyp,
Sasanylar taýpasyny süpürip taşlaryn.
Patyşalyk kitabyndan atlaryny
öçürerin,
Sasany hökümdarlarynyň ýumraryn men
tagtlaryny.
Akyly bolan hakykata diň salsa,
Beýiklik Aşkany patyşalaryna ýaraşýar.[63]

Bu setirleriň ýazylan wagtyndan dört ýüz ýyl geçensoň, Gündogaryň meşhur şahyry Alyşir Nowaýy (1441 – 1501):

Hany Keýanylar, Samanylar taýpasy,
Hany Isgender, Aşkanylar taýpasy?[64]

diýen sorag bilen okyjylaryna ýüzlenipdir.

Orta asyrlara degişli ermeni çeşmelerinde hem Ärsaglara Aşkanylar, nesilşalygyň başynda duran Ärsag I-i bolsa – Aşg I diýip atlandyrypdyrlar.[65] Türkmenistanyň paýtagty Aşgabadyň Beýik Türkmen-Parfiýa şadöwletiniň sallançagynyň üwrelen ýeri bolan we parfiýa patyşalarynyň paýtagty bolup hyzmat eden Nusaýyň ýerleşen ýerinden bary-ýogy birnäçe kilometr uzaklykda ýerleşýändigini hem bu aýdylanlaryň üstüne goşalyň. Grek geografy Isidor Harakskiniň (b.e. öňki II asyr): «Ärsag I Asaak şäherinde patyşa diýlip yglan edildi we şu ýerde hem baky ot goralyp saklanýar» diýmek arkaly häzirki Ruhabat etrabynyň çäklerini salgy bermegi hem ünsüňi özüne çekýär.[66]

Häzirki döwürde hiç kim «Asaak şäherini» Nusaýyň töwereginden gözlemelidigi babatda birjigem şübhelenmeýär, sebäbi Ärsag I başyna täç geýen badyna Nusaýa baryp ornaşýar. Käbirleri bu şäheriň Gökdepe etrabynda ýerleşýändigini, käbirleri hem Baharly etrabynyň çäginde ýerleşendigini (bularyň ikisi hem Aşgabatdan daşda däl) aýdýarlar[67]. Biz «Asaak şäheriniň» öz adyny Ärsag I adyndan alandygyna ynanýarys, sebäbi ol Parfiýanyň paýtagty Nusaýa göçüp barmagyndan öň hut şu şäherde tagta çykypdy ahyry. Grek dilindäki «Asaak» sözi ýoýlup, gündogarça «yşg» diýlip atlandyrylypdyr. Şeýlelik bilen, «Asaak şäheri» «Aşgabat» diýmegi aňladýar. Biz bu ýerde Türkmenistanyň paýtagty Aşgabadyň, ýagny, b.e. öňki VI – V asyrlarda dörän şäheriň adynyň iň irki taryhy çeşmelerde ýatlanyp geçilişiniň (b.e. öňki II asyr) şaýady bolýarys.

Parfiýa zamanasynda Köne Nusaýy Mihrdatkert (ýagny Mitridatyň galasy) diýip atlandyrypdyrlar. Mihrdat parfiýanyň patyşasy bolup, onuň adyny barlagçylar «Mihra (Mitra, ýagny, zaraostralaryň hudaýy Mihra) beren» diýip terjime edýärler (türkmenleriň Allaberen, Taňryberdi diýişleri ýaly) hem-de biziň günlerimize çenli gelip ýeten hut Mihra hudaýyň adynyň pars sözleriniň biri bolan «mähir» sözüniň manydaş sözüne öwrülendigini aýdýarlar[68]. Türkmen dilinde «Ene mähri» ýaly söz düzümi we «mähriban» sözi duş gelýär[69]. Eger ol ýerde täze ýurt tutunanlaryň Aşgabada Mihrdat kertden göçüp gelendigini çak etsek, onda olaryň täze dörän şähere hem öňki ýaşan şäherleriniňki ýaly, ýagny «Mihra şäheri» diýip at beren bolmaklary örän mümkindir. Ondan soňky döwürlerde halkyň öz islegine görä, «mihra» (mähir) sözüni «yşk» (söýgi) sözi bilen çalşan bolmagy hem mümkin. Bu şeýle bolaýanda-da, Mihrdat I özüni Ärsag VI (Aşg VI) diýip atlandyrandygyny ýatlasak, şäheriň ady bizi gadymy döwür – parfiýa zamanasy, ilkinji Ärsaglaryň atlary bilen baglanyşdyrýar.

## AŞGABAT – PARFIÝANYŇ ŞÄHERI

Bu ýerde (parfiýa) patyşalarynyň mazarlary ýatan Parfawnis şäheri ýerleşýär.<br>Isidor Harakskiý (b.e öňki II asyr)

Ahemeniler şadöwleti b.e. öňki IV asyrda, Aleksandr Makedonlynyň goşunlarynyň zarbasy zerarly ýaşamagyny bes edýär. Aleksandryň goşunlary b.e. öňki 330-njy ýylda Günorta Türkmenistana aralaşyp, gyşlamak üçin Nusaýda goş ýazdyrypdyr. Şondan bir ýyl soň, ýagny, b.e.öňki 329-njy ýylda Aleksandr ýola düşmek barada buýruk berende, ol alnan oljalaryň we ýük kerweniniň goşun hereketini bökdeýändigini görüpdir. Gadymy taryhçy Kursiý Ruf şeýle diýýär: «Aleksandr ilki öz goşlaryny, soňra bolsa ähli esgerleriň has derwaýys zatlaryndan galan goşlaryny bir ýere jemlemäge buýruk berdi. Oljalardan mas ýüklenen arabalary olar giň düzlüge alyp bardylar. Öz patyşalarynyň indiki berjek buýrugyna hemmeleriň garaşyp duran wagtlary, ol haýwanlary bu ýerden aýyrmaga we bu ýere üýşürilen zatlara bolsa ot bermäge buýruk berdi. Özi-de ilkinji bolup öz zatlaryna ot berdi. Şol bir oduň patyşanyň baýlygyny hem ýakyp-gowrandygyny gören esgerleriň hiç biri hem küle öwrülen zady üçin gözýaş dökmäge het edip bilmedi».[70] Arheolog I.N. Hlopiniň pikirine görä, bu beýan edilen waka Aşgabadyň töwereklerinde bolup geçipdir.

Bu wakadan 84 ýyl geçenden soň, dahlar-parnlar Ärsag I ýolbaşçylygynda grekleriň Günorta Türkmenistandaky agalygynyň soňuna çykdylar. Parfiýa welaýaty (Ruhabat etraby) geljekki şadöwletiniň merkezi bolmaly bolansoň, Ärsaglar oňa aýratyn göz bilen garaýarlar. Diňe bu welaýaty gowy berkitmä öwrenlerinden soň, parfiýalylar öz döwletleriniň çäklerini günbatara, gündogara we günorta tarap giňeldip başlapdyrlar. Täze Nusaý şäheri giňäpdir we baýapdyr. Mitridat I zamanasynda, şol bir wagtyň özünde onuň edil gapdalyndan türkmen-parfiýa patyşalarynyň paýtagtynyň hem wezipesini ýerine ýetiren, 43 sany diňi bolan Mihrdatkert (Köne Nusaý) galasy bina edilipdir. Gadymy döwrüň mümkinçiliklerini göz öňünde tutsaň, gala aralaşmak mümkin bolmadyk derejede berk edip gurlupdyr.[71]

Ýazuw ýadygärlikleri häzirki Ruhabat etrabynyň tutuş çäginiň berk gala öwrülendigine şaýatlyk edýärler. Daşy berkidilen şäherjikler we obalar bu ýerleriň daşyny gurşap alypdyrlar. Bu ýerlerden toýun bölekleriniň ýüzüne ýazylan 2500 sany resminama tapylyp, olar okalyp görlende, häzirki Ruhabat etrabynyň çäginde ýerleşen berkitmeleriň, galalaryň we daşy berkidilen obalaryň 38 sanysynyň, uruglaryň ýaşan obalary hasap edilýän üzümçilik

meýdanlary bilen birlikde bolsa 53 sanysynyň sanawy ýüze çykaryldy. Bu maglumatlary arheologlaryň barlaglary hem tassyklaýar. Olar b.e. öňki III – b.e. III asyrlaryna mahsus tansyklar jemlenen 42 nokadyň üstüni açdylar. Arheologik ýadygärlikleriň sany Köne Nusaýyň «arhiwinde» duşýan ýer-ýurt atlarynyň sanawy bilen gabat gelýär diýen ýalydyr.

Ýüzüne b.e. öňki II asyra degişli salgyt ýazgylary ýazylan toýun bölekleriniň Täze Nusaýdan tapylmagy örän gyzyklydyr. Ol ýazgylarda häzirki Ruhabat etrabynyň üç obasynyň, ýagny, Kaşi, Nakbakan, Hatpak obalarynyň atlaryna duş gelinýär.[72] Bu obalaryň nirede ýerleşendiklerini aýtmak kyn. Ýöne Kaşi diýen ýer-ýurt adyny Köşi diýip okap bileris. Aşgabadyň günbatar bölekleriniň biri şeýle atlandyrylýar. Ol on-ýigrimi ýyl mundan ozalam Aşgabat bilen ýanaşyp oturan obady.

Köne Nusaýdan tapylan parfiýa resminamalaryndan parfiýalylaryň mesgen edinen obalarynyň birnäçeleriniň atlary hakyndaky maglumatlary tapmak bolýar. Barlagçylar olaryň ikisiniň nirede ýerleşendiklerini anyklamagy başardylar. Olaryň biri Burzmetandyr (Büzmeýin şäheri, häzirki Abadan şäheri). Parfiýa zamanasyna degişli bu galanyň galyndylary şäheriň günbatar çetinde ýerleşýär (Goşadepe). Anyklanan obalaryň ikinjisi Ragan bolup, ol häzirki Herrikgala obasynyň golaýynda ýerleşýär. Onuň galyndylary Diňlidepe ady bilen bellidir.[73] Ol resminamalarda ýatlanýan Semýan obasynyň (orta asyrlarda Ýaýseme atlandyrylypdyr) häzirki Ýasmansalyk obasydygyny çaklamak mümkin. Ol hem Ruhabat etrabynda ýerleşip, öz üzümçilik meýdany we saýlama çakyry bilen tapawutlanýar.

Aşgabadyň çäginde parfiýa zamanasyna degişli ýadygärlikler hasam köp duşýar. Bu ýerde 20 sany arheologik ýadygärliginiň üsti açyldy (bu diňe häzire çenli belli bolanlary!). Şäheriň gündogar böleginde Gökgala I berkitmesi, Gämigala obasy, Şeýtandepe galasy (öňki «Woroşilow» kolhozynyň golaýynda) ýerleşýär. Şäheriň demirgazyk böleginde bir atsyz obanyň, Garagowranly galasynyň, Kiçijikdepe galasynyň (Aşgabadyň et işläp-taýýarlaýan kärhanalar toplumynyň demirgazygynda), mazarystanly bir obanyň galyndylary ýerleşýär. Şäheriň günbatar böleginde Könegala I galasy (Köşüde), bir atsyz gala (depeleriň toplumy), ýenede bir atsyz gala hem-de, Akdepe, Hojamazar, Gökgala II galalary, üçünji atsyz gala we Armangala berkitmesi ýerleşýär. Şäheriň merkezinde «Merkez» diýlip atlandyrylan berkitme, Ýasydepe berkitmesi, Garadamak obasynyň çäginde bir gala, Garadamak obasyndan 1 km günbatarda ýerleşýän bir oba, Bekrewedäki bir oba bar.[74]

Gökgala I diýen şertli at bilen atlandyrylan gala Aşgabadyň iň uly galasydyr. Ol Türkmen döwlet politehniki institutynyň binalarynyň golaýynda ýerleşýär. Ol XX asyryň 50-nji ýyllarynda barlanyp görlende, arheologlaryň dilinde aýtsaň, öz kuwwatlylygy bilen haýran galdyrypdy. Gala merkezinde biraz peselýän göni bolmadyk köpburçlukdan ybarat. Onuň ýedi sany minarasy bar. Onuň diwarlary we minaralary 40x40x12 sm ölçegindäki çig kerpiçden salnyp, ýörite ýaýçylaryň peýkam atmagy üçin niýetlenen meýdança bilen sepleşip dur diýen ýaly. Ol meýdançanyň beýikligi 7 metrdi. Minaralaryň birinden 100 metrden 200 metre çenli suwuklyk sygýan we gowy edip bişirilen humlaryň galyndylary tapyldy. Şonuň ýaly-da, ol ýerde däne üweýji guralyň üstünden baryldy. Ol ýerde ätiýaçlyk dänäni saklamak üçin niýetlenen, içi gowy edip suwalan çukur ýerleşýärdi. Galanyň daş-töwereginde, daşy berkidilmedik gadymy obanyň galyndylary ýüze çykaryldy.[75]

Parfiýalylaryň ikinji bir uly galasy bolan Könegala I Köşiniň edil merkezinde ýerleşýärdi. Onuň diwarlary 40x40x12 we 47x47x12 ölçeglerdäki çig we çalarak bişirilen kerpiçlerden örülendi. Kerpiçleriň käbiriniň ýüzünde tagmalaryň şekilini saýgarmak

bolýardy. Bu galada taňsyk peçleriniň, içlerinde ägirt uly humlar hatarlanyp goýlan birnäçe jaýyň galyndylary ýüze çykaryldy. Humlaryň düýbünde däne galyndylaryny görmek bolýardy.[76]

Görnüşine görä, Aşgabadyň daşy berkitmeli gadymy obalary we galalary gündogardan günbatara tarap uzalyp gidip, ýaý şekilinde ýerleşmek bilen diňe bir möhüm söwda ýollarynyň ählisine gözegçiligi üpjün etmän, eýsem, Parfiýena welaýatynyň we esasy şäheri bolan Nusaýyň hem daşyny gallap durupdyrlar. Aşgabadyň ýeterlik derejede uly şäher – parfiýa zamanasynyň kuwwatly berkitmesi bolandygyna şek-şübhe ýokdur. Onuň daşyny kärizleriň ulgamy gurşapdyr we ol suw geçiriji desgalara eýe bolupdyr. Şeýle suw geçirijileriň biri telefon geçirijisi üçin çukur gazylan mahaly, «Gülüstan» söwda merkeziniň (öňki rus bazarynyň) golaýyndan tapylypdyr. Bu suw geçirijisi göwnejaý bişirilen toýun turbalardan ybarat bolupdyr. Şular ýaly turbalar poslamaýar. Bu ýagdaý şäheriň ýewropa bölegininiň boş ýerde dörändigi baradaky ertekini ýalana çykarýar.

Biziň bu ýerde Merkezi Aziýanyň beýleki şäherlerine mahsus bolan sepleşip duran binalara duşmazlygymyz Aşgabat sebitindäki şäherleriň diňe özlerine mahsus aýratynlyklara eýe bolandygy bilen baglanyşyklydyr. Parfiýa zamanasynda dörän Aşgabadyň biri-birlerine ep-esli uzaklykda ýerleşýän berkitmeleriň, mülkleriň we obalaryň ulgamyndan ybarat bolandygyna garamazdan (bu goranmak üçin amatly bolar ýaly şeýle edilipdir), ol ilatly nokatlaryň hemmesi parfiýanyň öňdengörüji ýolbaşçylarynyň işläp taýýarlan baş maksatnamasyna boýun egmek bilen, öz aralarynda berk baglanyşyga eýe bolupdyrlar. Muňa gadymy suw geçirijisi hem şaýatlyk edýär. Şäheriň aýry-aýry bölekleri Aşgabadyň – türkmen-parfiýalylaryň möhüm serhet we söwda şäheriniň goranmak bilen baglanyşykly wezipelerine esaslanylyp ýerleşdirilipdir. Şondan iki müň ýyl geçenden soň, Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şol döwür hakynda ýatlap: «Aşgabadyň gol ýaýradan, häzirki günde gözel hem-de döwrebap paýtagtyň pajarlap ösýän topragynda taryh hiç wagt dymmandy. Äpet Köpetdagyň etegindäki bu toprak diňe bir tutuş gadymy dünýädäki taryhy tutluşyklardaky ençeme ýeňişleri we ýeňlişleri bilen däl, eýsem, özüniň aýratyn at-abraýy arkaly hem tanalan beýik Parfiýa döwleti bilen şöhratlanýardy. Parfiýa bilen hormat, edermenlik, adalatlylyk, buýsançly gymmatlyklar kimin şeýle gowy ynsan we döwlet ýagşylyklary baglanyşdyrylýardy. Parfiýanyň paýtagty diýen at nähili belent ýaňlanýar hem-de onuň nähili uly manysy bar. Nusaý.... Haýran galdyryjy bu jümle şindi-şindilerem belent ýaňlanýar. Häzir Nusaý bilen Aşgabadyň goňşulygy hem – bu iki paýtagtyň döwürleriň köprüsi arkaly ýeten ykbalynyň nyşanydyr»[77] diýip belleýär.

## AŞGABAT ORTA ASYRLARDA

***Aşgabat meniň üçin diňe bir özümiň doglan şäherim bolman, ol pikirleniş we ýaşaýyş ýaly, meniň halkymyň asyrlaryň dowamynda emele gelen synmaz erkiniň, sarsmaz gujur-gaýratynyň, örän uly sabyrlylygynyň hem-de parahatçylygy söýüjiliginiň nyşanyna öwrülip galdy.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Biziň eýýamymyzyň III asyrynyň 20-nji ýyllarynda Türkmen-Parfiýa şadöwleti syýasy we durmuş-ykdysady kynçylyklary başdan geçiripdir. Bu döwlet baş hökümdara göwünli-göwünsiz boýun egen, garaşsyz, özbaşdak hanlyklaryň birnäçesinden ybaratdy. Parfiýalylaryň rimlileriň kömegi arkaly ýeňiş gazanmaklaryny dowam etmeklerine garamazdan, uruş ägirt kän maliýe serişdelerini ýuwdup ýatyrdy.

Maliýe kynçylyklary Beýik ýüpek ýoly arkaly edilýän söwdanyň ýatyp galmagy bilen baglanyşyklydy. Biziň eýýamymyzyň II asyrynyň ahyrynda Han şadöwletini «Sary daňylylaryň» gozgalaňynyň gurşap almagy netijesinde Hytaýda bulam-bujarlyk zamanasy başlanyp, bu ýagdaý şadöwletiň tutuş ykdysadyýetiniň çökmegine sebäp bolupdyr. Onuňam üstesine, Hytaýdan tä Türkmen-Parfiýa şadöwletine çenli baryp ýetýän ýoluň bütin dowamynda söwda kerwenleri çozuşlara sezewar edilipdir. Bu ýoluň ugrunda ýerleşýän onlarça özbaşdak hanlyklaryň hökümdary bolsa täjirlere çekip-çydardan agyr salgytlary salypdyrlar. Ärsaglar şadöwletiniň çäkleriniň uly bölegine öz täsirlerini ýetirip, diňe öz asyl mülkleri bolan welaýata – Parfiýena welaýatyna we onuň paýtagty Mihrdatkerte (köne Nusaýa) hökümlerini ýöredip bilipdirler. Hut şu döwürde howlukmaçlyk bilen köşk jaýlarynda geçirilen rejeleýiş işleriniň yzlary saklanyp galypdyr. Bu işler Ärsaglar nesilşalygynyň synmagynyň edil öň ýanynda diýen ýaly geçirilipdir. Täze Nusaýda gizlin künjekli, adam jaýlanýan otaglar gyssanmaçlyk bilen bina edilipdir. Şonuň özi hem ol döwrüň nähili galagoply bolandygyndan habar berýär.[78] Tutuş welaýat şadöwletiniň synjagyny öňünden bilen parfiýa patyşasynyň gelmegine garaşypdyr. Biziň eýýamymyzyň 226-njy ýylynda sasaniler parfiýa hanlaryna daýanyp, Ärtaban V goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler.

Ärsaglaryň wekilleri sasanylar nesilşalygynyň tabynlygyndaka, ýüzlerçe ýylyň dowamynda aýry-aýry welaýatlary dolandyryp gelendiklerine garamazdan, şadöwlet ýaşamagyny bes edipdir. Sasanylar ärsaglar bilen baglanyşykly ähli zatlary adamlaryň aňyndan öçürip taşlamak üçin olaryň esasy şäheri bolan Köne Nusaýy wagşylarça talap, ony harabalyga öwrüpdirler. Bu ýerdäki durmuş şondan birnäçe asyr geçenden soň, araplaryň gelmegi bilen janlanypdyr.[79] Täze Nusaý (ýagny, şäher) ýaşamagyny dowam edipdir. Ýöne bu ýerde hiç zat köne şäheri ýatlatmandyr. Tutuş Ruhabat etraby – ärsaglaryň öz hususy mülkleri güýçden gaçýar. Obalaryň sany ep-esli azalýar. Parfiýa şäherjikleri we obalary garyp düşýär. Ýaşaýjylar olary terk etmäge mejbur bolýar. Ekin ekilýän ýerleriň çägi daralýar. Bu ýagdaý diňe bir gadymy ekerançylyk-senetçilik şäherleriniň-bileleşikleriniň umumy pese düşmegi bilen däl, eýsem, Nusaýyň töwerekleriniň ýowuzlyk bilen talanmagynyň we soňky döwürlerde ol ýerleriň ýaşaýjylarynyň güýçli ezilmegi bilenem baglanyşyklydy.[80] Şeýlelikde, III – V asyrlarda Aşgabadyň berkitmeleriniň we galalarynyň bir bölegi ýaşamagyny bes edýär. Ýöne bu ýerde ýaşaýyş dowam edipdir. Köşüdäki

Könegala I we Gökgala II, şonuň ýaly-da, Akdepe, Armangala, Gämi ýaly berkitmelerde irki sasanylar zamanasynyň taňsygy tapyldy. Ýöne ol döwürde bu berkitmeleriň töweregindäki obalar göwrüm taýdan ep-esli kiçelipdir. Bu bolsa diňe bir ýowuz urşuň netijesinde ilatyň umumy sanynyň kemelendigini däl, eýsem, Aşgabadyň we onuň töwerekleriniň görlüp-eşidilmedik derejede pese düşendigini hem görkezýär.[81]

651-nji ýylda araplar Günorta Türkmenistana aralaşýança, bu ýerde ykdysady taýdan pese gaçmaklyk dowam edýär. Aşgabadyň çägindäki Armangala berkitmesi VII asyra çenli ýaşamagyny bes edýär. Ýöne orta asyrlarda «Merkez», Könegala I, Gökgala II, Gämigala we beýleki berkitmeleri Aşgabadyň ilatyny goramak wezipesini ýerine ýetirmegi dowam edipdirler. Şonuň ýaly-da, şäheriň ortarasynda ýaşaýyş jaýlary ýerleşip, bir ýa-da birnäçe diwarlar bilen daşy gurşalan aýry-aýry galalar hem peýda bolýarlar. Oňa mysal edip, Garadamakdaky atsyz galany görkezmek bolar.

Aşgabada degişli ýerleri öz içine alýan Nusaý sebitiniň hökümdary sasanylara boýun egmek islemän, 651-nji ýylda arap serkerdesi Ibn Emir bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşýar. VII asyrdan başlap, XI asyryň başyna çenli Aşgabat gezekli-gezegine Arap halypalarynyň döwletleriniň, tahyrylaryň, samanylaryň, gaznawylaryň ýerli nesilşalyklarynyň düzümine girýär. 1031-nji ýylda Aşgabatda Köneürgençden gelen Seljuk türkmenleri peýda bolýarlar. Olar soltan Mesut Gaznaly bilen dostluk gatnaşyklaryny ýola goýmak isleýärler. Ýöne soltan Nusaý sebitlerini olara bermek islemeýär we 1035-nji ýylyň tomsunda, seljuklaryň sanyndan iki esse artyk goşun bilen söweş hereketlerine başlaýar. Aşgabat bilen Nusaýyň aralygynda bolup geçen ganly jeňde seljuklar 800 adamy jeň meýdanynda ýitirip, yza çekilýär. Olar goş-golamlary ýüklenen arabalaryň bir bölegini ýörite bir maksat bilen galdyryp gaýdýarlar. Aňsat ele düşen oljanyň üstüne topulan gaznaly gulamlar hüşgärligi ýatdan çykarýarlar we seljuk goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär. 1035-nji ýylyň Alp Arslan aýynda baglaşylan şertnama laýyklykda, Nusaýyň sebitleri (Ruhabat etraby) Muhammet Togrul begiň, Paraw Ýabgu Musanyň, Dehistan bolsa Dawut Çagry begiň golastyna geçýär. Ýöne bularyň üçüsi hem Nusaýda ýaşaýar. Şol pursatdan başlap, 1157-nji ýyla çenli Ruhabat etraby Beýik seljuk türkmenleriniň şadöwletiniň, 1157-nji ýyldan tä 1220-nji ýyla çenli bolsa köneürgenç türkmenleriniň guran şadöwletiniň düzümine girýär.[82]

Bu döwür Aşgabat üçin oňaýly döwür bolupdyr. Baryp parfiýa zamanasynda gurlan «Merkez» berkitmesi şäheriň esasy berkitmesi bolmagynda galýar. Bu ýerde tegelek minaralary, uly otaglary, oňat edilip suwalan pollary bolan ullakan gala bina edilýär. Diwarlaryň bir bölegi 30h30h6 sm ölçegindäki çig kerpiçden, bir bölegi bolsa 22x22x4,5 sm, 25x25x5 sm, 26x26x5,5 sm, 25,5x26x6 sm ölçeglerindäki ajaýyp bişen kerpiçden örülipdir. Jaýyň diwarynyň galyňlygy 70 sm bolupdyr. Galanyň gündogar burçunda taňsyk bölekleri, demirden ýasalan oragyň döwükleri, kiçeňräk demir piljagaz, uzyn aýajyklaryň üstünde duran çyraglaryň bölekleri we bir zady duýdurmak üçin ulanylan toýun surnaý tapyldy.[83]

Taňsyk önümleri barada aýratyn durup geçmek gerek. Olaryň arasynda gök we ýaşyl syrça çaýylan abat jamlar hem bar eken. Şonuň ýaly-da, halka şekilli beýik esasa berkidilen çyra jamlarynyň döwükleri hem tapylypdyr. Ol jamlaryň içi çukur bolup, gyralary içine tarap egreldilipdir. Jamlaryň keseligine ölçegi 18 we 26 santimetriň aralygyndadyr. Olar daş görnüşleri boýunça Täze Nusaýyň X asyrdan – XIII asyryň başlaryna degişli taňsyk toplumlaryny ýatladýarlar. Bu ýerde başga ýerlerden getirilen taňsyk önümlerine hem duş

gelindi. Bu bolsa Aşgabadyň mongollaryň gelmeginden öňki döwürdäki söwda we medeni gatnaşyklaryna şaýatlyk edýär.[84]

Orta ululykdaky galalaryň-mülkleriň Aşgabadyň hemme ýerinde gurlandygyny belläp geçmek gerek. Ýadygärlikleriň bu toparyna et önümlerini işläp taýýarlaýan köne kärhanalar toplumynyň jaýynyň demirgazygynda ýerleşýän iki sany däne, şäheriň günortasynda (Berzeňňide) ýerleşýän gadymy şäheriň harabaçylygy, Köşiniň günorta-günbatarynda ýerleşen gadymy obalaryň galyndylary, Çilýaka gadymy şäher harabaçylygy, Garadamakdaky gala, Köşüdäki Gökgala berkitmeleri, Armangala berkitmesi, Türkmen döwlet uniwersitetiniň ýanyndaky gala degişlidir. Bu ýadygärlikleriň hemmesi hem dörtburç edilip salnypdyr. Mysal üçin, Çilýaka gadymy şäheri 60x70 m ölçeginde gurlupdyr. Galanyň töwereginde daýhanlaryň öýleri ýerleşipdir. Daýhanlar üstlerine howp abananda galada gizlenipdirler.[85]

XIII asyrda mongol basybalyjylary Türkmenistanyň gülläp ösýän ýaýlalaryny aýaklarynyň astynda tozdurypdyrlar. Olaryň çozuşyna ilkinji bolup hut Ruhabat etraby sezewar bolupdyr. Mongollaryň çozuşynyň öň ýanynda Köneürgenjiň şasy Muhammet ibn Tekeşiň (1200 – 1220) Nusaýyň diwarlaryny ýumurmaga buýruk berendigi, bu ýerdäki ähli baýlyklary bolsa Gürgenç şäherine alyp gidendigi bize mälim. 1220-nji ýylda Muhammet şa Çingiz hanyň goşunlaryndan ýeňilýär. Nusaýyň ýaşaýjylary töwerekdäki ähli ýaşaýjylary çagyryp, şäheriň diwarlaryny täzeden dikeltmegi we basybalajylara garşylyk görkezmegi ýüreklerine düwýärler. Nusaýyň gabawy on bäş günläp dowam edýär. Ýöne howlukmaç dikeldilen diwarlar mongollar tarapyndan herekete girizilen 20 sany daş zyňyjy gurallaryň zarbyna döz gelip bilmeýär. Mongollar galanyň diwarynyň bir ýerini deşip, şäheriň içine dolýarlar. Olar şäheri goranlaryň hemmesini (zenanlary, erkekleri, çagalary) Nusaý bile Aşgabadyň aralygyndaky düzlige sürüp eltýärler. Bu sebitiň esasy şäherini diňe bir Nusaýyň öz ýaşaýjylarynyň däl, eýsem, şol töwerekdäki beýleki şäherleriň we obalaryň, şol sanda Aşgabadyňam ýaşaýjylarynyň gorandyklaryna bu ýerde doglan Muhammet Nesewiniň ýazgylary şaýatlyk edýär. Ol şeýle ýazýar: «Tatarlar olary aýallary we çagalary bilen birlikde bu giň meýdana toplaýançalar olja-da el urmadylar, talaňçylyga-da başlamadylar. Çirkin sesler asmanyň örtügini ýyrtyp, hemmeler goh-galmagal bilen dem alýardy... Dökülen ganlar, sal-sal edilen ýapynjalar, öldürilen we öz öldürilen ejeleriniň göwsüni sorup ýatan çagalar gör näçedi! Nusaýyň öz ýaşaýjylaryndan, şol wagt bu ýerde bolan daşary ýurtly raýatlaryndan we daş-töwerekden kömege gelen raýatlardan öldürilenleriň sany ýetmiş müň adamdy. Ýogsam bu Horasanyň welaýatlarynyň diňe biridi».[86]

Bu aýylganç ýykgynçylykdy. Onda Aşgabat etrabynyň ilatynyň ýarsy diýen ýaly heläk bolupdyr. Şondan soň mongollar Nusaý welaýatyny talamaga başlapdyrlar. Olar öňünden çykan adamlary öldürip gören zatlaryny talapdyrlar. Arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, XIII asyrda Aşgabadyň çäginde tutaşan ýangynlaryň yzlaryny tapmak başartdy. Berkitmeleriň we galalaryň köpüsi mongol basybalyşynyň pidasy bolupdyr.

Ýöne Parfiýenanyň gahryman ýaşaýjylary mongollar gidenden soň, ýene öz obalaryna dolanypdyrlar we gurluşyga başlapdyrlar. Olar soltan Jelaleddiniň entek diridigini bilýärdiler. Ol gylyjyny gynyna salmandy we basybalyjylara garşylyk görkezýärdi. Ol mongollaryň penjesinden aman-sag sypyp, Gürgençden (häzirki Köneürgenç) çykýar-da, çölüň içi bilen göni Nusaýa tarap ugraýar. Onuň taryhçysy Nesewi şeýle ýazýar: «Ol (Jelaleddin. – Ö.G.) birnäçe günüň içinde Horezm bilen Horasanyň aralygynda ýerleşýän çöli kesip geçdi. Kerwenler bolsa, adat bolşy ýaly, käbir ýerlerde düşlemek bilen, bu aralygy

16 günde geçýär. Ol Nusaý sebitlerindäki çölden çykdy. Çingiz han bolsa soltanyň ogullarynyň Horezme dolanyp gelendiklerini eşidip, şol tarapa ägirt uly goşun ýollady we ol goşuna ýaňky agzan çölümiziň serhetlerine ýaýrap, bukularda oturan ýerlerinden töwerege gözegçilik etmäge buýruk berdi. Mongol esgerleri soltanyň ogullarynyň Horezmden gysylyp çykarylyp, Horasana gitmekçi bolanlarynda ele salmak üçin Merwden başlap, Şähristanyň (Şähryslam – Ö.G.) çäklerine çenli (bu bolsa Farawynyň bir welaýatydyr) çölüň daşynda halka gurap durdular. Çölüň serhedinde, Nusaýyň golaýynda olaryň (tatarlaryň) ýedi ýüz sany atlysy durdy. Jelaleddin çölden çykýança, adamlar olaryň bu ýerde näme üçin durandyklaryna hiç akyl ýetirip bilmeýärdiler. Jelaleddin olar bilen söweşe girdi we taraplaryň ikisi hem öz duşmanlaryny öldürmekde, gylyç urup, naýza salmakda öz mümkinçilikleriniň aňry çägine ýetdiler. Jeň tatarlaryň ýeňilmegi bilen tamam boldy. Olar öň toplan oljalaryndan, öz goş-golamlaryndan el ýuwup, jeňi terk edip, ýaraglaryny we azyklaryny taşlap gaçmaga başladylar. Olaryň örän az sanlysyna we has öň gaçanlaryna halas bolmak başartdy. Bu ýerde ilkinji gezek musulman gylyjy olaryň ganyna boýalypdy... Tatarlaryň bir bölegi bolsa gylyçlardan we naýzalardan gaçyp gutulmaga bolan umytlaryny ýitirip, başly-barat gaçyp baryşlaryna şol töwerekdäki suw akabalarynda gizlenmekçi boldular. Ýöne daýhanlar olary gizlenen ýerlerinden kowup çykardylar hem-de şähere tarap kowdular. Ol ýerde bolsa olaryň kellesini kesdiler. Şol döwürde men Nusaýda emir Ygtyýarreddin Zeňňi ibn Muhammet ibn Hamzanyň gullugyndadym. Hojaýynym heniz tatarlar bilen edilen jeňiň näme netije berenini bilmeýärdi. Birden Jawanmandyň (Nusaýyň bir obasy) reýisinden hat gelip gowuşdy. Hatda şeýle diýilýärdi: «Şu gün biziň ýanymyza gara baýdaklary bolan üç ýüze golaý atly geldi. Olar öz aralarynda Jelaleddiniňem bardygyny we Nusaýyň golaýynda ýerleşen tatarlary gyrandyklaryny aýtdylar. Ýöne olaryň arasyndan kimdir biri öňe saýlanyp, galanyň diwaryna ýakyn gelenden soň: «Bu seresaplylygyňyz üçin sizi ýazgaryp bolmaz. Soltan onuň üçin size minnetdarlyk birdirýär. Bize özümiz iýer ýaly we atymyzy iýmlär ýaly bir zatlary aşak sallaň. Bu bize açlygymyzy gandyryp, ýolumyzy dowam etmek üçin gerek. Bolmasa-da, soňra ýagdaýa göz ýetirip, eden işiňize ökünersiňiz» diýýänçä, biz olara ynanmadyk. Şondan soň biz olara mätäçlik çekýän zatlaryny aşak salladyk we bir sagatdan soň olar ýola düşdüler».[87]

Nesewi Jelaleddiniň 1221-nji ýylda Aşgabadyň eteginde eden jeňi barada gürrüň berýär. Nusaý welaýatynyň çöl bilen serhetleşip oturan şäheri Aşgabadyň hut özi bolup, taryhda agzap geçen Juwanmant berkitmesi bolsa Türkmenistanyň häzirki paýtagtynyň çäginde ýerleşýän berkitmeleriň biridir. Bu şäheriň Änew şäheri bolmagy mümkin däl. Bu şäheri Nesewi başgaça, ýagny, Naşjuwan (parfiýa zamanasynda Gatar diýen at bilen belli bolan) atlandyrmak arkaly onuň Nusaýyň esasy obalarynyň biridigini belläp geçýär.[88] Aşgabatlylar aryklaryň içinde gizlenen we meýdanlara siňen mongollary tapyp öldüripdirler hem-de welaýatyň hökümdaryna mongollaryň üstünden gazanylan ýeňiş barada habar beripdirler. Şol bir wagtyň özünde-de, olar soltanyň goşunyny azyk bilen üpjün edipdirler. Türkmenleriň Aşgabadyň eteginde gazanan ýeňşi – Merkezi Aziýanyň we Eýranyň halklarynyň mongol basybalyjylarynyň üstünden gazanan ilkinji ýeňşi bolup, bu ýerde Jelaleddin soltan öz esgerlerinden iki esse köp bolan duşman goşunyny ýekeme-ýeke gylyçdan geçiripdir. Şondan soňam köp wagtlap Nusaý sebitleri Jelaleddine degişli ýerleriň düzümine giripdir. 1255-nji ýylda bolsa Nusaý welaýaty hulagular döwletine birikdirilipdir. Aşgabat ýaşamagyny dowam etdiripdir, ýöne onuň ilatly ýerleriniň meýdany ep-esli azalypdyr. Taňsyk önümleriniň döwürleri «Merkez», Armangala, Könegala I

berkitmeleriniň, Garadamakdaky galanyň XIV – XV asyrlarda hem ýaşaýşyny dowam edendiklerini görkezýär. Şonuň ýaly-da, et önümlerini işläp taýýarlaýan kärhanalar toplumynyň demirgazyk çetinde, hut mongollaryň agalyk eden döwründe (XIII – XIV a.) berkitme salnandygy ýüze çykaryldy.[89] XV asyrda Köpetdagyň dag etek zolagynda ýerleşýän şäherleriň belli bir derejede gülläp ösendigi göze ilýär. Ýöne bu şäherleriň ösüşi özboluşly häsiýete eýe bolup, olaryň ilatynyň sany oba ýaşaýjylarynyň hasabyna artypdyr. Olar şäheriň etegindäki obalaryny taşlap, berkitme diwarlarynyň aňyrsynda janlaryny aman saklamak isläpdirler.

XVI – XVIII asyrlarda Aşgabadyň çägine girýän Köşüdäki Könegala berkitmesi ýaşamagyny dowam edip, onuň daşyny sakçylar üçin ýörite salnan diňler gurşap alypdyr. Şonuň ýaly-da, Garadamagyň günorta-günbatarynda ýerleşýän berkitme, Bekrewäniň günortasynda we Gämide ýerleşýän galalarda ýaşaýyş dowam edipdir. Uzak wagtlyk arakesmeden soň «Merkez» atly şertli at bilen belli bolan berkitmede hem ýaşaýyş täzeden janlanýar. Ol ýerde harby düşelge ýerleşipdir. Onuň türkmen hökümdary Nedir şa Owşaryň döwründe täzeden dikeldilen bolmagy hem mümkin. Türkmenler ýöne ýere «Merkez» berkitmesiniň harabalyklaryny «Nediriň galasy» diýip atlandyran däldirler.[90] Nedir şanyň Kawkaz töwereklerine eden ýörişine (1744 ý.) Nusaý welaýatynyň ýaşaýjylaryndan düzülen harby bölümiň gatnaşandygynyň ýatlanmagy gyzyklydyr. Nusaýyň ýaşaýjylary 1746-njy ýylda Nedir şanyň garahytaýlylaryň garşysyna gurnan harby ýörişine hem gatnaşypdyrlar.[91]

Hernäme-de bolsa, Aşgabat töwereginiň şäherleri mongollaryň ýykgynçylykly hereketleriniň we ondan soňky döwrüň bulam-bujarlyklarynyň täsirinden soň-soňlaram aýňalyp bilmändirler. Beýik Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy öz Mukaddes Ruhnamasynda bolup geçen şol hupbatly günleri nebsi agyryjylykly ýatlap, şeýle diýýär: «Mahal-mahal agyr oýlara batyp, özümi dert-azara goýýaryn: «Wah, lagnat siňmiş Çingiz hanyň wagşy ordasy bolmadyk bolsa, taryhyň bu apaty pajarlap oturan ýüz müňlerçe ilatly Köneürgenjiň, Maru-şahu-jahanyň, Şährislamyň, Abywerdiň, Amulyň, Zemmiň, Dehistanyň, şäher-kentlerini boýnuna göwher monjuk ýaly düzüp oturan Oguzboýunyň (Uzboýuň) üstünden sowa geçen bolsa, müňlerçe kitaply kitaphanalar – «Ylym öýleri» ýakylyp-ýandyrylmadyk bolsa, häzir Türkmenistan dünýäniň ykdysady, syýasy, medeni, ylmy mertebesini göterip barýan kuwwatly döwlet bolardy».[92]

## AŞGABADYŇ XIX – XX ASYRLARDAKY TARYHYNYŇ SAHYPALARY

***Keremli erenler-pirler gezen, türkmeniň ojagy deý mukaddes, lebzi ýaly halal, buýsanjy ýaly beýik, ynamy ýaly keramatly Türkmenistandyr bu.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

XVIII asyryň ahyrynda Nusaý şäheri ýaşamagyny bes edip, onuň ýerinde Bagyr obasy peýda boldy. Aňyrsy parfiýalylyra baryp direýän bu welaýatda Aşgabat şäheri öňe saýlanýar. XIX asyrdan başlap, ýazuw çeşmelerde şäheriň bu ady ýygy-ýygydan agzalyp ugralýar. Hywa taryhçylary Munis we Ägehi türkmen hany Myrat Serdaryň 1818-nji ýylda hywa hanynyň goşunlary bilen uruşmak üçin, Aşgabadyň we Änewiň ýaşaýjylarynyň hasabyna öz goşun bölümleriniň üstüni ýetirendigini habar berýär. Şol döwürde Aşgabat berkitmeler bilen gurşalypdyr we ahal tekeleriniň merkezi bolupdyr. Şol ýylyň özünde

Hubbyguly hojanyň ýolbaşçylygyndaky güýçli hywa goşuny köp adamlary gyryp, Aşgabadyň we Aşgabat bilen Mänäniň aralygyndaky ýerleriň boşap galmagyna sebäp bolýar. 1853-nji ýylda eýranly şazada Feridun Mürzäniň ýolbaşçylygyndaky eýran goşunlary türkmen topragyna aralaşýar. Keseki goşunlarynyň Emir han tarapyndan baştutanlyk edilýän öňdäki bölümleri Aşgabadyň eteginde berk gaýtawula sezewar bolýar. Söweş bir sagatdanam uzak dowam edýär. Ýöne şol wagt goşunlary bilen şazadanyň özi hem ýetip gelýär. Türkmenler yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Feridun Mürze birnäçe wagtlap Aşgabatda bolandan soň, şäheriň çäginde we onuň töwereginde ýerleşen 36 sany berkitmäni ýumurmaga buýruk berýär. Ýöne şondan soňam Aşgabat ilatly nokat hökmünde ýatlanmagyny dowam edýär. 1856-njy ýylda Aşgabadyň ýaşaýjylary Astrabadyň hökümdaryna garşy 10 müň sany atlyny çykarmagy başarypdyrlar [93].

Rus çeşmelerinde Aşgabadyň ady 43 sany galanyň sanawynyň içinde «Işkabad» ady bilen 1850-nji ýylda peýda bolýar[94]. Arheologik maglumatlar XIX asyryň ahyrynda Köşüdäki Akgala, Könegala we Arçyngala berkitmelerinde, Könegala IV, «Merkez» ýaly hem-de beýleki galalarda ýaşaýşyň dowam edendigine şaýatlyk edýärler. Bu berkitmeleriň ýaşaýjylary diňe bir Aşgabat derýajygynyň we kärizleriň suwundan däl-de, eýsem, töwerekdäki uly bolmadyk, türkmenleriň «kak» diýip atlandyrýan, kiçi suw howdanlaryndan peýdalanypdyrlar[95].

Rus barlagçysy Stebniskiý 1871-nji ýylda özüniň «Türkmenistan hakyndaky ýazgylarynda» şeýle ýazypdyr: «Hywa we Eýran bilen söwda işini alyp barýan Ashabad şäheriniň... ilatynyň sany Karyzdaka garaňda köpdür... Berkitmeleriň ýarsyndan gowragynyň ýaşaýjylary bugdaý ösdürip-ýetişdirmek bilen meşgullanýarlar, beýleki galalarda bolsa ondan daşgary bagçylyga-da üns berýärler».[96] Soňra ol sözüni şeýle dowam edipdir: «Ashabad... şäher diýip atlandyrylýar, ýöne onda berkitme hem bar. Ashabatda... 4000-ňe çenli öý bar».[97] Şeýlelik bilen, Aşgabadyň «esaslandyrylan» wagtyndan (1881 ý) 10 ýyl öň hem ol şäher atlandyrylypdyr, özem şeýle maglumatlar rus çeşmelerinde gabat gelýär! Eýsem, ýönekeý bir oba Hywa we Eýran ýaly ýurtlar bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýup bilermidi? Ýene-de bir zady sözümiziň üstüne goşalyň: «abat» sözi mydama obany däl-de şäheri aňlatmak üçin ulanylypdyr. Aşgabadyň ýaşaýjylarynyň sanam gaty kän ekeni. Geliň, 1871-nji we 1892-nji ýyllarda Aşgabatda näçe adam ýaşanyny deňeşdirip göreliň. Stebniskiniň maglumatlaryna görä, şäherde 4000 sany öý bar eken. Eger çynlakaý pikir edilse, her öýde hojalykbaşy bolan erkek adamyň, onuň aýalynyň we çagalarynyň bolmalydygy öz-özünden düşnüklidir. Eger her maşgalada 2 çaga bar diýip hasap edenimizde-de, onda 1871-nji ýylda Aşgabatda 16 müň adam ýaşapdyr diýen çaklama döreýär.

Aşgabadyň göýäki bir «esaslandyrylan» wagtyndan 10 ýyl geçenden soň, ýagny, 1892-nji ýylda bolsa onda 13 müň adam ýaşaýar eken. 1882-nji ýylda «ruslar tarapyndan esaslandyrylan» diýlen şäherde bary-ýogy 2 müň adam ýaşapdyr. Aşgabat «obasynda» bolsa şol bir wagtyň özünde onlarça müň adam ýaşapdyr[98]. A.B. Batyrow bilen Z. G. Freýkiniň belläp geçmeklerine görä, Türkmenistanda sowet häkimetiniň ýyllary içinde «ýaşaýjylarynyň sany 5 müň adamdan köp bolan ilatly nokada «şäher» diýlipdir[99]. Eger şeýle bolsa, onda nämä esaslanyp, 2 müň ilaty bolan nokady «şäher» diýip atlandyryp, ilkibaşda 20 müňden az bolmadyk adam ýaşaýan berkitmä-de «oba» diýip bolýarka? Öýleriň sanyndaky tapawudam az däl. Eger XIX asyryň 70-nji ýyllarynda «oba» diýip atlandyrylan

ilatly nokatda 4000 sany öý bar diýip hasaplanylan bolsa, 1886-njy ýylyň rus «şäherinde-de» bary-ýogy 368 öý bilen 500-ýe golaý dükan bar eken[100].

Ruslar Aşgabady ahalteke topragynyň merkezi hasap edipdirler. Mysal üçin, Kawkazyň goşun serkerdebaşysynyň 1876-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 24-nde harby ministre ýollan hatynda Ahalyň obalaryna zarba urup, «ahalteke topragynyň merkezi bolan Ashabada» tarap öňe süýşmegiň we şol ýerde täsirli adamlaryň (hanlaryň, aksakallaryň) hemmesini toplamagyň niýet edilýändigi barada ýazylypdyr.[101]

Aşgabat Ahalyň dolandyryş we söwda merkezi bolupdyr. Onuň amatly ýerde ýerleşmegi şeýle ýagdaýyň döremegine sebäp bolupdyr. Köpetdagyň üsti bilen Aşgabada Eýrandan kerwen ýoluny çekipdirler. Aşgabatdan Türkmenistanyň günbatar we gündogar ýaýlalaryna tarap ýollar şahalanyp gidipdir. Göni Garagum çölüniň üstünden geçýän kerwen ýodalary bolsa Hywa we Buhara alyp barypdyr. Bir söz bilen aýdylanda, şäherde halkara ähmiýetli ýollar birleşipdir[102].

1881-nji ýylda Ahalyň hemme ilaty diýen ýaly (45 müňe golaý adam) patyşa goşunlaryna gaýtawul bermek üçin, Gökdepe galasyna ýygnanypdyr. 1881-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 12-sinde gala garşylyk görkezmegini bes edipdir. Onuň gabawy wagtynda 20 müňe golaý adam öldürilipdir. Diri galanlar çöle tarap çekilipdir. Obalar boşap galypdyr.

Harby hereketleriň žurnalynda, 1881-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 18-nde «polkownik Kuropatkiniň goşuny Ashabad gyşlagyny söweşsiz basyp aldy we onuň gündogar çäginde ýerleşdi»[103] diýlip ýazylypdyr. Ine, şu sene hem 100 ýyldanam gowrak wagtyň dowamynda Aşgabat şäheriniň esalandyrylan ýeke-täk senesi hökmünde boýnumyza dakylyp gelindi. Ýöne birinjiden, hut şäheriň boşap galandygy üçin Kuropatkiniň goşunlary garşylyga duş bolmandyr (aşgabatlylaryň ýüzlerçesi Gökdepe söweşinde wepat bolupdyrlar, diri galanlary bolsa çöle siňipdir ýa-da Tejen, Mary taraplaryna göçüpdirler). Ine, şonuň üçinem patyşa ofiserleriniň gözüne Aşgabat şäheri «köp adamly oba» bolup görnüpdir. Ikinjiden, şäheriň ruslara degişli bölegi türkmenlere degişli bölegi bilen ýanaşyk ýerleşipdir. Şonuň üçinem, şäheriň esaslandyrylmagy barada däl-de, diňe onuň täzeden ösdürilmegi barada gürrüň edip bolar. Üçünjiden, şäheriň ýewropalaşan bölegine badalga bolup hyzmat eden rus berkitmesiniň düýbi köne türkmen berkitmesiniň («Merkez» berkitmesiniň) ornunda tutulypdyr. Ruslaryň dolandyryjy edarasy Ahalyň ýaşaýjylaryny öňki ýaşan ýerlerine dolanmaga çagyrandan soň, ýerli ilat öz dogduk mekanyna dolanyp gelipdir. Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy rus patyşasynyň halklary özüne bakna etmek syýasatynyň netijeleri barada şeýle ýazýar: «1879 – 1881-nji ýyllarda bolan Gökdepe urşy türkmen milletiniň syýasy, ykdysady, ýaşaýyş durmuşyna, milletiň jemgyýetine uran zarbasynyň täsiri netijesinde türkmen döwleti ýykyldy. Rus döwleti türkmen topragynda özüne garaşly iş dolandyryş, medeni we dini wagyz-nesihatyny ýaýbaňlandyrdy».[104]

1881-nji ýylyň ýaz paslynyň aýaklarynda Zakaspiý oblasty döredilenden soň, Ashabad (şol döwrüň resminamalarynda şäher şeýle atlandyrylýar) onuň dolandyryş merkezine öwrülýär. Russiýanyň Merkezi Aziýadaky bäsdeşi bolan Angliýa Türkmenistanda bolup geçýän wakalary dykgat bilen syn edýärdi. Hut şonuň üçinem, 1881-nji ýylyň Sanjar aýynda, Tährandaky iňlis ilçihanasynyň kätibi Stiwen duýdansyz ýagdaýda, resmi däl sapar bilen Aşgabada gelýär[105].

Aşgabat söwda merkezi bolmagynda galýardy. Eýýäm 1881-nji ýylyň tomsunda merwli täjirler satmak üçin şähere 4750 sany iri şahly maly, 10 000 sany goýny, şonuň ýaly-da pagta getiripdirler[106].

Şäheriň ýewropalaşan bölegi giňäpdir. Onuň merkezinde we günortasynda rus ofiserleriniň etrapçalary peýda bolupdyr. Bu ýerler şäheriň iň bir abadanlaşdyrylan bölegine öwrülipdir. Günbatar tarapda öz dukanlary, ussahanalary, bazarlary, kerwensaraýlary bolan söwda-senetçilik etrapçasy emele gelýär. Gündogar we günorta-gündogar taraplarda täze etrapçalar döredilýär. Demirgazyk tarapda demirýol bekedi gurulýar. Işçiler obasy hem şol ýerde ýerleşipdir. 1948-nji ýylyň ýer titremesine çenli şäheriň aýry-aýry bölekleriniň arasyndaky tapawut oňa özboluşly gelşik berýärdi.

1885-nji ýylda şähere demir ýol gelip ýetýär. Aşgabada ilkinji otly şol ýylyň Sanjar aýynyň 30-na gelýär. Demirýol hakynda aýratyn gürrüň etmek gerek. Sebäbi ol Zakaspiý oblastynyň ykdysady ösüşinde esasy badalga bolupdy. Onuň ugrundaky köne türkmen şäherlerine täzeden jan girýär, täze obalar döreýär. Demirýol Aşgabady deňiz porty we Merw bilen birleşdirýär. 1886-njy ýylda demirýol Türkmenabada (öňki Çärjewe) baryp ýetýär. Soňra ol Aşgabady merkezi Aziýanyň beýleki şäherleri bilenem birleşdirýär. 1905-nji ýylda Aşgabat Daşkendiň üstünden geçýän demirýol arkaly Merkezi Russiýa çykmaga mümkinçilik alýar. Demirýol söwda kerwenleriň ýollaryny gysgaldypdyr. Şondan beýläk kerwenler diňe Aşgabat bilen Eýranyň, Aşgabat bilen Hywanyň aralygynda gatnapdyr. Netijede, Eýranyň Horasan welaýatynyň tutuş ykdysadyýeti Aşgabat bilen baglanyşykly bolupdyr. Şonuň üçinem, Aşgabatda gümrükhana açylypdyr. Aşgabat demirýol bekediniň işläp başlan ilkinji ýylynda paýtagtyň Russiýadan, Eýrandan, Hywadan we Buharadan söwda alyş-çalşygy üçin getirýän harytlarynyň mukdary 1,5 million rubla ýetip, şonuň üçden iki bölegi Eýran bilen edilýän söwdanyň paýyna düşüpdir[107]. Uzak aralyklar bilen edilýän söwdanyň güýçlenmegi şäheriň daş keşbine hem öz täsirini ýetiripdir. Aşgabatda diňe 1899-njy ýylyň özünde 1000 müňe golaý söwda kerweni düşläp geçip, şol kerwenlerdäki düýeleriň sany 36576-a ýetipdir. 1900-njy ýylda Döwlet bankynyň Aşgabatdaky bölümi tarapyndan akylyňa sygmajak san bolan 70 million rublluk söwda aýlanyşygy amala aşyrylypdyr. G. Melikowyň belläp geçmegine görä, 1903-nji ýylda «düýeleriň dyknyşyklary» sebäpli şäher polismeýsterleri «kerwenlere bazaryň üstünden we gatnalýan köçelerden geçmegi» gadagan etmäge mejbur bolupdyrlar[108].

Şäheriň köp sanly kerwensaraýlarynda kakadylan miweler, Owganystandan, Hywadan, Buharadan, Türkmenistanyň içki etraplaryndan getirilen çuwallar dag ýaly bolup üýşüp durupdyr. Russiýadan gaýdyp, «Merkezi Aziýanyň deňiz derwezesi bolan Türkmenbaşy (öňki Krasnowodsk) şäheriniň üstünden geçýän demirýol şahasynyň üsti bilen çit matalar, gant, kerosin, kükürt demirden bejerilen gap-çanaklar we ş.m. zatlar gelipdir. Merkezi Aziýanyň beýleki şäherleriniň hiç birinde hem Aşgabadyň diňe bir özündäki ýaly kerwensaraý ýokdy. 1903-nji ýylda Aşgabatda 38 sany kerwensaraý bolupdyr[109].

Çöl bilen serhetleşýän täsin şäheriň şöhraty Ýewropa hem baryp ýetipdir. Beýik fransuz ýazyjysy Žýul Wern ahyrky nokatlary Uzyn Ada – Pekin bolan demirýolunyň gurluşygy hakynda roman ýazypdyr[110]. Öz ertekisiniň birmahal hakykata öwrüljegini beýik hyýalbent ýazyjy, belki, bilenem däldir.

Rus ýazyjysy N.N. Karazin bolsa 1888-nji ýylda şeýle ýazypdyr: «Täze ýol taryhyň özi tarapyndan iki dünýäniň – ýewropa medeniýeti bilen gadymy Gündogaryň esasy

medeniýetiniň ýakynlaşmaklary we ruhy taýdan täzelenmekleri üçin niýetlenen ýoluň iň bir esasy we iň bir kyn ülüşleriniň biridir»[111].

XIX asyryň aýagynda Türkmenistana syýahat eden fransuz ofiseri Edgard Bulanžýe Aşgabat demirýoly barada täsin ýazgylar galdyrypdyr. Ýewropadakydan tapawutly bolan giň wagonlar, aşgabatly gulamlaryň myhmansöýerligi hakdaky gürrüňiniň arasynda, ol otluda edilýän hyzmat barada şeýle ýazýar: «Täze azyk harytlary, adatça, Aşgabatdan satyn alynýar. Bu ýerde size goýun etinden bişirilen ajaýyp ýapmaçlary hödür edip, yzyndanam bir kesim gawun bererler. Olar ýaly gawuny men şu ýerden başga hiç ýerde iýip görmedim. Ol şeýle bir näzik bolup, agzyňda eräp gidýär hemem onuň adatdan daşary ysy bolup, şol bir wagtyň özünde-de örän süýji bolýar. Bu gawunyň başga ýerde duşmaýan aýratyn bir görnüşi bolmaly. Iýlip-içilen zatlaryň üstüni tagamly üzüm we näzikden iri şetdalylar ýetirýär. Ahal-Teke Peterburgdan şeýle uzakda ýerleşse-de, oňa garamazdan, bu ýerde hem şeýle oňat we, köplenç, bol hem-de saýlama naharlary iýýärler»[112].

Aşgabat üçin uzak aralyklary birleşdirýän demirýoluň we kerwen ýollarynyň ähmiýeti 1904-nji ýylda işlenip taýýarlanylan gerbiň taslamasynda hem öz beýanyny tapypdyr. Bu taslamada esasy üns şäheriň uzak aralyga söwda etmekdäki ýerine ýetirýän wezipesine berlipdir. Aşgabat uýezdiniň ýolbaşçysy 1904-nji ýylda ýazan düşündiriş hatynda şeýle ýazypdyr: «Aşgabat – Zakaspiý oblastynyň esasy şäheri – diňe bir dolandyryş merkezi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, özünde tutuş oblastyň söwda-senagat işlerini jemlemek bilen, esasan, Russiýanyň, Persiýanyň we Owganystanyň arasyndaky söwda gatnaşyklarynda geçiriji bolup hyzmat edýär. Onuň soňky agzalan wezipesi durmuşynyň häsiýetli aýratynlygyny we esasy özboluşlygyny emele getirýär. Aşgabadyň gerbiniň taslamasy hem şol esasda işlenip taýýarlanyldy. Onda patyşa täjiniň aşagyndaky galkanyň ýüzünde, «ülke parahatlaşandan» soňra söwda gatnaşyklarynyň ýüze çykan senesini görkezmek bilen söwda kerweni, iň aşakda bolsa söwda gatnaşyklarynda ägirt uly ähmiýete eýe bolan demirýoluň çekilen senesini görkezmek bilen demirýol otlusy şekillendirilipdir»[113].

Şäheriň ýewropalaşan bölegi ösmegini dowam etdiripdir. 1890-njy ýylda ilkinji telefon nokady işläp başlapdyr. 1896-njy ýylda bolsa bu ýerde gimnaziýa we orta okuw jaýy, kitaphana öz işine başlaýar. Şonuň ýaly-da, sport birleşikleri, ylmy toparjyklar, taryh we zoologiýa muzeýleri peýda bolýar. Rus dilinde «Bildirişleriň aşgabatly habarçysy» (1891 ý.), «Zakaspiý syny» (1895 ý.), «Ashabad» (1899 ý.) gazetleri ýaly döwürleýin neşirler hem çap edilip başlanýar. XX asyryň ýaňy bir başlanan mahaly bolsa sinematograf, elektrik togy peýda bolýar. Şäherleriň köçelerinde awtoulaglar göze ilip başlaýar[114].

Rus medeniýetiniň görnükli wekilleri bolan F.I. Şalýapin (1891 ý.) we W.F. Komissaržewskaýa (1910 ý.) dagy Aşgabady görmäge geldiler. Elbetde, ýewropa siwilizasiýasynyň miweleri şäheriň ýerli ilatyna – türkmenlere elýeterli däldi. Olary şäher ýaşaýjylarynyň hataryndan esassyz çykarypdyrlar.

XX asyryň başyna çenli şäher haýal abadanlaşdyrylypdyr. Daş düşelmedik köçeler tomsuny tozanly we gyşyny batgaly bolmak bilen, gijelerine kerosin çyralary arkaly ýagtylandyrylypdyr. Bu barada Olsufýew we Panaýew dagy 1899-njy ýylda şeýle ýazypdyrlar: «Aşgabada golaýlan mahalymyz, gözümiziň öňünde uly şäherleriň adaty görnüşi bilen kän bir baglanyşygy bolmadyk görnüş peýda boldy... Bize: «serediň, Ashabad» diýip, habar berdiler. Biziň gözümiz dagyň etegindäki kölegeli baglyga düşdi. Käbir ýerlerde öýleriň ýapgyt üçekleri göze ilýärdi. Diňe ýerli buthananyň çaklanja jaňhanasynyň ýeke özi

baga bürenip oturan şäheriň depesinde somalyp durdy. Şähere giren badymyza ol bize eýmenç tozanyny sowgat berdi. Her gezek ýel öwsende, bu şäherden ýokary göterilýän tozany çekip-çydar ýaly däl. Uzakdan seredeniňde öňden nämäniň – paýtunyňmy, öz düýesini ýa-da ýabysyny haýdadyp barýan ýerli ýaşaýjynyňmy ýa-da ýönekeý bir ýolagçylaryňmy – barýandygyny kesgitlemegem kyn. Diňe topbak-topbak bolup, ýokary galýan goýy tozan gözüňe ilýär»[115]. Munuň şeýledigine N.I. Romanowyň ýazgylary hem şaýatlyk edýär. Ol şeýle ýazypdyr: «Daş düşelmedik, tomusda tozanly we gyşda batgaly köçeleri az sanly çyralar öçügsi ýagtylandyrýardy. Hapa kerwensaraýlarda hiç hili hasaba alynmazdan gelip-gidip duran ýönekeý işçiler ýaşaýardylar. Ilatyň ruhy islegini bir mekdep kanagatlandyryp, şäherde kitaphanalaram, kitap dükanlary hem ýokdy. Adamlar ýerli harby hassahanalarda özlerini bejerdýärler. Ýogalanlary şäheriň üstüne abanyp duran baýryň üstünde – şäheri suw bilen üpjün edýän kärizleriň başlanýan ýerinde jaýlaýardylar. Tomus wagty dagdan gaýdýan her bir sil suwuň joşmagyna sebäp bolýardy. 1888-nji ýyldaky suw joşguny hassahananyň gündogar tarapynda gaçy galdyrmaga mejbur etse, 1889-nji ýylyň suw joşguny ol gaçyny hasam beýgeldip, Goçant ýolunyň aňry tarapyna çenli uzaltmaga mejbur etdi. Zir-zibiller bar zady ýuwdup ýatan guýulara ýa-da golaýdaky boş ýatan ýerlere zyňylýardy»[116]. Şäheriň türkmen halkynyň köp asyrlaryň dowamynda kemala gelen däpleriniň dowam edýän ýeri bolan aziýa böleginde beýle zatlary görjek gümanyň ýokdy. Ol ýerde metjitler, senetçilik ussahanalary, mekdepler, suw howdanlary, her hili hapa zatlardan ygtybarly goralan kärizler, oňat edilip gurnalan mazarystanlar, bazarlar: degirmenler, juwazlar we ş.m. bardy. Türkmenler şäheriň ruslaryň ýaşaýan böleginde oba hojalyk önümlerini (däne, pagta, ýüň we ş.m.) satýardylar, gelmişekleri azyk önümleri: süýt we süýt önümleri, et, miwe ýer we bakja önümleri bilen üpjün edýärdiler.

Şäherde suw üpjünçiligi meselesi göz öňünde tutulmazdan baş-başdak salnan binalar peýda bolupdyr. Onuňam üstesine, ýüzlerçe haýwanlardan – düýelerden, ýabylardan eşeklerden ybarat köp sanly kerwenler hem-de satmak üçin bazarlara getirilýän müňlerçe sygyrlar, geçiler we goýunlar – bularyň hemmesi köp mukdardaky suwy talap edýärdi. Kerwenlerem çölüň üsti bilen Hywadyr Buhara ugramazlaryndan öňürti, Aşgabatda suwdan ýüklerini tutýardylar. Suwy suwçular demir gaplarda bazara çykarýardylar. Şähere täze göçüp gelen ýaşaýjylar özbaşdak gazylan guýulardan peýdalanypdyrlar. Ýöne ol guýular çuň bolmansoň, ýerasty we akar suwlara golaýda ýerleşip, ýokanç keselleriň öňüni almagy kynlaşdyrýardy. Şäheriň howzundaky suw hem ondan arassa däldi. Howzuň ýanynda kir ýuwýardylar hem-de ondan mallaryny suwa ýakýardylar[117]. Şäherdäki we möwsümleýin işçi pursatlaryň we sowukdan gaçyp Russiýadan gelen bosgunlaryň ýaşaýan kerwensaraýlaryndaky hapaçylyk sebäpli, 1891-nji ýylda Aşgabatda ýüze çykan garahassalyk birnäçe ýüz adamyň ölümine sebäp bolupdyr[118].

Suw ýetmezçiligi şäheriň aziýa böleginiň ýaşaýjylarynyň arasynda närazylygyň döremegine sebäp bolupdyr. Türkmenler, adatça, Aşgabat derýajygynyň suwundan peýdalanypdyrlar. Soňra onuň suwunyň esasy bölegini şäheriň ýewropa böleginiň ýaşaýjylarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga we suwaryş ulgamyny gowulandyrmaga sarp edipdirler. 1897-nji ýylda şäherde çuň guýy gazmaga synanyşsalaram, ol başa barmandyr. Şondan soň häkimiýetler suw almak nobatyny işläp düzüpdirler[119]. XX asyryň başynda şäherde käriz gazmak başardypdyr. Şonuň netijesinde, şähere gelýän suw ep-esli artypdyr. Diňe 1911-nji ýylda, şäher ýolbaşçylaryna uzynlygy 10 km bolan suw geçirijisini çekmek başardypdyr. Suw ýetmezçiligi şäheriň ösüşini bökdeýärdi. Şonuň üçinem, täze kärizden

bahasy 120000 rubla deň bolan suw geçirijisini gurmaga 59 780 rubl 35 köpük bölünip berlipdir. Suwaryş meýilnamasy işlenip taýýarlanypdyr, suw bilen üpjünçilige gözegçilik etmeli adamlar bellenipdir (olara aýlyk bermek üçin ýylda 12379 rubl gerek bolupdyr), Aşgabadyň günbatar bölegini we merkezini goramak üçin barlaglar geçirilip, ýaplaryň taslamalary düzülipdir (bahasy 30 000 rubl)[120].

Şäheri abadanlaşdyrmak işiniň ýagdaýy birneme oňuşarlykly bolupdyr. Köçeleri suwlamaga suwuň ýetmeýändigi sebäpli şäher tozana gömlüpdir. Şonuň üçinem, köçelere togalak daşlary, ýanköçelere bolsa bişen kerpiç düşäpdirler, käbir köçelere bolsa çagyl döküpdirler. Şäheriň içinden ýaplar gazylyp, olardan suw akdyrypdyrlar. Ýaplaryň boýuna agaçlar ekilipdir, 1887-nji ýylda jemgyýetçilik bagynyň (häzirki birinji seýilgäh) we ofiserleriň üýşýän jaýynyň ýanyndaky (türkmenistanly esgerleriň hatyrasyna gurlan häzirki ýadygärligiň daş-töweregi) bagyň düýbi tutulypdyr[121]. Bu şäheriň howasyny nähili hem bolsa gowulandyrmaga mümkinçilik beripdir.

Eýýäm 1901-nji ýylda rus ýazyjysy Ýe. Markow öz ýazgylarynda şeýle diýipdir: «Çölüň çägesinden we toýunsow teke obalaryndan soň, Aşgabat mende iň bir gowy täsir galdyrdy. Bu akja, arassaja, täzeje şäherçe bolup, özüniň göm-gök bolup oturan bagjagazlary, şadyýan öýjagazlary bilen ýalkym saçýan uly şähere öwrülmegiň aladasy bilen dem alýardy. Tomsuna onuň dymyk bolýandygyny aýdýarlar, ýöne häzir – baharyň möwç urýan mahaly ol iň bir ter näziklik bilen dem alýar. Nirä seretseň suw, nirä seretseň suw çüwdürimleri, hususy öýleriň ýanyndaky çaklaňja bagjagazlarda-da, şäheriň baglarynda-da, şäher meýdançalarynda-da ýagdaý şonuň ýaly. Suw 12 werst uzaklykdaky dag çeşmelerinden iň bir ýönekeý we arzan suw geçirijisiniň kömegi arkaly getirilýär. Köçeleriň hemmesi syrylyp-süpürilipdir, suwlanypdyr, olaryň gyralaryna agaçlar ekilipdir. Hemme ýerde berk harby düzgün göze ilýär. Aşgabadyň öýleri, harby şäherlere mahsus bolşy ýaly, ýönekeý, kiçeňräk bolup, biri-birlerine meňzäp dur. Ýöne oňa garamazdan, olar giň, bolluk bilen ölçelen mülklerde, bagjagazlaryň arasynda, gözenekli germewleriň aňyrsynda salnypdyr. Bu ýaşajyk baglar ösüp-ulalaýsalar, gowy kölege berip, töwerege terlik çaýarlar. Öýjagazlar daşdan salnyp, olar pessejikligi, üçekleriniň ýapgytlygy bilen tapawutlanýar. Aşgabat ýöne bir rus şäheriniň däl-de, mysal üçin, italýan şäheriniň galdyrýan täsiri ýaly täsir galdyrýar»[122]. 1901 – 1904-nji ýyllaryň aralygynda Aşgabatda gulluk eden belli rus ýazyjysy W. Ýan (Ýançeweskiý) hem, takmynan, şol zatlary belläp geçipdir: «Bu miweli baglar bilen gurşalyp, çig kerpiçden salnan köp sanly öýjagazlardan ybarat, harby inženeriň eli bilen meýilnamalaşdyrylan göni köçeleri bolan, syrdam derekler, kaştan agaçlary we ak akasiýalar ekilen çaklaňja, arassaja şäherdi. Häzirki döwürdäki ýaly ýanköçeler ýokdy, köçeleriň uzaboýuna bolsa, esasy ýol bilen pyýadalaryň ýöreýän ýodasynyň aralygyndan ýaplar şyg-şyg edip akýardylar. Olardaky dury suw daglardan akyp gelýärdi. Şäher bir gatly jaýlardan ybaratdy. Birnäçe gezek gaýtalanan ýer titremelerden soň, iň bir ýeňil görnüşdäki bir gatly jaýlardan başga beýik jaý salmak gadagan edilipdi. Şäheriň muzeýi ýeke-täk iki gatly jaýdy. Şäherçe berkitme tarapyndan eşidilýän duýduryş owazlary boýunça oýanyp, şolar boýunça-da uka gidýärdi. Daň bilen we gün ýaşyp barýarka ümsüm howada surnaýyň owazy we irden hem-de agşam gaýtalanýan dogalara hiňlenýän esgerleriň sesleri uzaklara ýaýraýardy. Şäherçede uzak wagtlap galmaga isleg bildirýän islendik adam Köşi obasynyň ýerleşýän tarapyndan bölünip berilýän melleklik ýerden özüne-de ýer berilmegini haýyş edýärdi. Adatça, ol jaý gurunmak üçin kömek puluny hem alýardy»[123].

Ýöne XX asyryň başyndaky Aşgabat hakyndaky bu guwançly habarlar şäheriň dolandyryş edaralarynyň jaýlary, merkezi seýilgähler we meýdançalar, patyşa harby ýolbaşçylarynyň öýleri ýerleşýän merkezi bölegine degişlidi. Aşgabadyň köp bölegini çig kerpiçden salnan jaýlar tutýardy. Şäheriň gyrak-çetlerinde ekilen bir agajam göze ilmeýärdi. Şäheriň özünde boş ýatan ýerler kändi. Ýerli häkimetler diňe harby ýolbaşçylaryň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmagyň gamy bilen ýaşaýardylar. Aşgabady «Zakaspiý Parižі» diýip atlandyrýardylar, sebäbi ol Merkezi Aziýanyň beýleki şäherlerinden öz agşamky we gijeki durmuşy, harby we hökümet ýolbaşçylarynyň we olara ýakynlaşmaga çalyşýan hususy kärhana eýeleriniň sürýän sowky-sapalary bilen tapawutlanýardy. Kafeler we myhmanhanalar öz jaýlaryny ofiserleriň we olaryň zenanlarynyň wagtlaryny şat geçirmekleri üçin göwünjeňlik bilen berýärdiler. Şol bir wagtyň özünde-de häkimler mekdepleri we jemgyýetleri açmaga göwünsizlik bilen rugsat berýärdi. Oňa derek buthanalaryň, ybadathanalaryň açylmagyna goldaw berýärdiler. 1911-nji ýylda Aşgabatda 45384 adam ýaşaýardy. Şäheriň aziýa böleginde ýerleşýän türkmenler bu sanawa girmeýärdiler. Eger ilatyň ýarsynyň musulmanlardan ybaratdygyny hasaba alsaň, onda 1911-nji ýylda dürli mezheplere uýýan ýigrimi müň hristianyň paýyna 14 sany hristian ybadathanasy: 7 sany prawoslaw serkowy, 1 sany lýuteran kirkasy, 1 sany rim-katolik serkowy, 4 sany sekta ybadathanalary düşýärdi. Olardan başga-da 1 sany sinagoga bardy[124].

Merkezi Aziýanyň beýleki şäherlerinden tapawutlylykda Aşgabatda harby ýolbaşçylar hökümdarlyk edýärdiler we diňe 1905-nji ýylda gurply şäherliler olary käbir eglişikleri etmäge hem-de şäher üçin möhüm işleri çözmäge hukuk bermäge mejbur edipdir-ler[125].

Söwda ýollarynyň we demirýoluň kämilleşmegi önümçiligiň ösmegi üçin oňaýly şertler döredipdir. 1915-nji ýylyň başynda şäherde 68 sany demirýol kärhanasy, üç sany pagta arassalaýjy, bir sany juwaz, deri eýleýji kärhana, 35 sany kerpiç öndürýän, çoýundyr mis eredýän, süýji önümleri öndürýän, çakyrdyr piwo ýasaýan kärhanalar bar eken. Ýöne olaryň hemmesi maýda, sada usullar boýunça işleýän kärhanalar bolupdyr.[126]

1914-nji ýylda birinji jahan urşy başlananda tutuş Aşgabat uýezdiniň ýaşaýjylarynyň meýletinlik esasynda, Köşüde teke atly goşun bölümini döredendiklerini bilmek gyzyklydyr. Bu goşun bölümi rus-german urşunda unudylmajak şöhrata eýe bolupdy. Eýýäm 1915-nji ýylyň başynda 600 sany gylyçly esgerden ybarat bu goşun bölüminde 67 sany Georgiý nyşanynyň eýeleri bardy. Urşuň ahyryna çenli bu san tas iki esse diýen ýaly artypdyr. Onuňam üstesine, türkmen esgerleriniň köpüsi beýleki söweş nyşanlary bilen sylaglanypdyr. Olaryň arasynda Aşgabadyň we Köşiniň ýaşaýjylarynyň bolandygy bize mälimdir.

1915-nji ýylyň Baýdak aýynda Georgiý haçlary bilen Çerkez Annaberdi ogly, Allaberdi Artyk ogly, Garyp Nazar ogly, Annamämet Akmämet ogly, Annaoraz Hojamämmet ogly, Suhan Öwezhan ogly, Ata Annadurdy ogly, Nyýazmämmet Hudaýberdi ogly, Orazguly Baýramguly ogly, Oraz Öwezgeldi ogly, Rejep Ýazy ogly dagy sylaglanypdyr. «Gahrymançylyk üçin» diýen nyşana Hydyr Şanazar ogly, Şaberdi Begmyrat ogly, Şalar Şamyrat ogly, Hally Kel ogly, Silli Baýnazar ogly, Gazakbaý Amangeldi ogly, Hanmuhammet Gowşuthan ogly, Anna Geldi ogly, Gutly Gara ogly mynasyp bolupdyrlar.[127] Bu ýerde diňe Aşgabadyň ýerli ýaşaýjylarynyň ady tutuldy. Aşgabada golaý ýerleşen obalardanam şonuň ýaly gahrymanlar kändi.

1917-nji ýyla çenli Aşgabat Russiýa şadöwleti bilen Eýranyň arasyndaky möhüm aragatnaşyk nokady bolmagynda galdy. Ýöne tutaşan raýatlyk urşy we onuň yz ýanynda ýüze çykan açlyk, weýrançylyk Zakaspiý oblastyna hem täsirini ýetirmän durmady. 1917-nji

ýylyň Bitaraplyk aýynda Aşgabatda sowet hökümeti berkarar edildi. 1918-nji ýylda bolsa şäher eserleriň eline geçdi we şol ýylyň ahyrynda iňlis basybalyjylary şähere doldular.

1918-nji ýylda iňlis generaly Mallesonyň toparyna goşulyp Aşgabada gelen Sidneýli (Awstraliýa) polkownik S.H.Ellisiň ýatlamalarynda gyzykly maglumatlara duş gelmek bolýar. Polkownigi Aşgabatda höküm sürýän şama-şaýyrdylyk örän geň galdyrypdyr. Munuň sebäbini ol şeýle düşindirýär: «Milli kynçylyklryň, aýratynam, düýpli öwrülişik bilen bagly kynçylyklaryň ýüze çykýan zamanynda ilatyň esasy bölegini iýmek, içmek we şatlanmak islegi gurşap alýar. Esasanam, has köp ýitgi çeken adamlar özlerini şonuň ýaly alyp barýarlar. Bu ykbalyň gaňryşyna gitmek islegi bilen baglanyşykly dörän bolsa gerek. Hatda Orta Aziýanyň çaklaňja şäherinde ýaşaýan ruslaryň arasynda-da şonuň ýaly meýli duýmak bolýardy. Olaryň durmuşy we gelejegi rewolýusiýa we raýatlyk urşy sebäpli wes-weýran bolupdy. Restoranlar we kafeler müşderilerden doludy. Köp sanly kafeler gülläp ösýärdiler. Aşgabatda teatr ýokdy, ýöne birnäçe kinoteatrlar «Tort bilen tumşugyňa urmak» ýaly mowzukly köne amerikan komediýalaryny ýa-da är-aýal gatnaşyklaryndan söz açýan fransuz filmlerini görkezýärdiler. Şäher ştablaryna gulluk edýän köp sanly ofiserlerden başga-da, uruşdan uzak möhletli dynç alşa gelen has köp sanly adamlardanam hyr-dykyndy. Köne düzgüne gulluk eden öňki ofiserleriň we gulamlaryň belli bir bölegi öz maşgalalary bilen birlikde heniz Baku synmazyndanam ozal, Zakaspiý ülkesine gaçyp gelipdirler. Olaryň käbiri bolsa bolşewiklerden gorkularyna ondanam öň gaçyp giden ýerleri bolan Persiýadan ýene yzlaryna dolanypdyrlar. Daşyndan adaty durmuş dowam edýän ýaly bolup görünse-de, şäherdäki ýagdaý dartgynlydy. Ilatyň umumy bir maksady ýokdy, aýry-aýry toparlar biri-birlerine müňkürlik we ýigrenç bilen garaýardylar. Häkimiýetleri tankytlamak ýoň bolupdy. Adamlaryň köpüsini bolşewiklerden gorkmak we olary ýigrenmek duýgusy birleşdirýärdi, ýöne olaryň biri-birlerine bolan görübilmezçiligi, türkmenlerden gorkulary has güýçlüdi. Ruslaryň köpüsi iňlislere müňkürlik bilen garaýardylyr».[128]

Polkownik Ellis şäheri hem suratlandyrýar. Ol şäher barada şeýle ýazýar: «Aşgabat harby we dolandyryş merkezi bolup, giňişlige ýykgyn edýän rus äheňinde gurlupdyr. Çalt-çaltdan ýüze çykyp duran ýer titremeleri sebäpli bu ýerde jaýlar iki gatdan ýokary edilip gurulmaýar. Ýaşaýyş jaýlary we umumy ýaşaýyş jaýlary Hindistandaky özlerine kybapdaş desgalardan has gowudyklary bilen tapawutlanýarlar. Ofiserlere we beýlekilere niýetlenip salnan jaýlar ajaýypdy. Hemme ýerde hajathanalar we naharhanalar bardy. Gyzgyn we sowuk suw haçan diýseň tapylýardy. Harby maşklar üçin niýetlenen meýdançalar giň bolup, agaçlar bilen gurşalandy. Hindistanda gulluk edýän britan ofiserleriniň rus harby şäherleriniň wagtlaýyn häsiýete eýedikleri baradaky garaýşy Aşgabatdaky, Merwdäki we Baýramalydaky haýbatly we giň jaýlary görende zym-zyýat bolýardy».[129]

«Türkmenlere patyşa ofiserleriniňem, bolşewikleriňem, iňlisleriňem häkimiýetleri ýatdy. Olar töwerekde bolup geçýän zatlara geň galyp syn edýärdiler: «Ýerli ilatyň näme bilen meşguldygyny bilmek kyndy. Göwnüňe bolmasa, olar diňe ýerli bazarlarda oturyp ýa-da köçelerde aýlanyp ýören ýaly bolup görünýärdiler».[130]

1919-njy ýylda Aşgabatda sowet hökümeti täzeden dikeldilip, Merwde ak gwardiýaçylar tarapyndan atylyp öldürilen, Zähmet halk komissary P.G.Poltoraskiniň hormatyna bu şäher Poltorask diýip atlandyrylýar. Şeýlelik bilen, türkmenleriň gadymy şäheri rus bolşewiginiň ady bilen atlandyrylyp, şol at bilenem 1925-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň paýtagty bolýar. Diňe 1927-nji ýylda şähere hakyky adyny gaýdyp berdiler. Soňra ol öňküleri ýaly «Ashabad» diýip däl-de, «Aşgabat» diýip atlandyryldy.

XX asyryň 30-njy ýyllaryndan başlap, Aşgabada üns berlip başlanýar. Hut şol döwürde ilkinji asfalt örtükleri peýda bolýar. Şäherde gurluşyk işleriniň depgini güýçlenýär we onuň ilatynyň sany artýar. Senagat kärhanalary artypdyr, ýöne olar çig mal daşamak amatly bolar ýaly we boş meýdançalaryň ýerleşýän ýerleri bilen baglanşyklylykda, köplenç, başly-barat ýerleşipdirler. Bu ýagdaý şäher merkeziniň binagärçilik toparynyň soňky döwürlerdäki taslamasy çyzylanda kynçylyklar döredipdir. Şahsy jaý gurluşyk işleriniň höweslendirilmegi netijesinde şäheriň çäginiň iki esse giňändigine garamazdan, şäher ähli tarapdan bir gat jaýlaryň gysajyna düşüpdir, esasanam, bu gurluşyk işleri seýsmiki kadalara eýermezden alnyp barlypdyr. 1948-nji ýylda belli bolşy ýaly, döwlet gurluşyk edaralary hem bu kadalary ýerine ýetirmändir».[131]

Ikinji jahan urşunyň ýyllary içinde (1941 – 1945-nji ýyllar) onlarça müň Aşgabatlylar faşistik basybalyjylar bilen söweşipdirler. Paýtagtyň 16 sany ýaşaýjysy Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen ada mynasyp bolupdyr. Urşuň ilkinji günlerinde Aşgabadyň ähli kärhanalarynda we edaralarynda basybalyjylara garşy uruşýan esgerlere hemmetaraplaýyn kömek bermäge ähli güýçleri jemlemek boýunça ýygnanyşyklar bolup geçipdir. 1943-nji ýylda urşuň başlanyndan soňky döwürdäki «Aşgabatlylyryň umumyhalk gaznasyna 8 mln manada golaý puly, sowet uçarlarynyň we tanklarynyň gurluşygy üçin bolsa 1 mln 634,5 müň manat puly tabşyrandyklary, 235 576 kg reňkli we gara metaly toplandyklaryny, söweşiji esgerlere 109 641 sany ýyly egin-eşikler we 2140 sany ýörite sowgatlar ugradandyklaryny» belläp geçipdirler.[132]

Aşgabadyň kärhanalarynyň bir bölegi harby tabşyryklary ýerine ýetirmek üçin üýtgedilip gurlupdyr. Sibirden we Merkezi Aziýadan gelýän ýükler Aşgabadyň üstünden geçip gidipdir.

Uruşdan soň senagat kärhanalaryny we ýaşaýyş jaýlaryny gurmak boýunça täze meýilnamalar kabul edilipdir, şäheri suw bilen üpjün etmegi gowulandyrmagyň täze ýollary gözlenipdir. Ýöne ol işleri amala aşyrmak miýesser bolmandy. 1948-nji ýylda Aşgabat adamzadyň taryhyndaky iň bir güýçli ýer titremeleriniň birini başdan geçiripdir.

Arheologlaryň Köpetdagyň dagetek zolagynyň çäginde b.e. öňki II müňýyllyga degişli güýçli ýer titremesiniň yzlaryny ýüze çykarandyklary belli. Biziň eramyzyň I asyrynda grek geografy Strabon Parfiýada bolup geçen ýykgynçylykly ýer titremesi baradaky ýazgyny galdyrypdyr. Şol ýer titremesi netijesinde «...köp şäherler we 2 müň sany oba weýran bolupdyr». Biziň eramyzyň 454-nji ýylynda Horasanda bolup geçen aýylganç ýer titremesi barada ermeni taryhçysy Ýegişe Wardapet hem ýatlap geçýär. Arheologlaryň tassyklamaklaryna görä, şol döwürde Horasanyň ilatynyň sany örän azalypdyr. Türkmenistanda bolup geçýän ýer titremeleriniň hasaby XIX asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap ýöredilip ugralypdyr. 1896-njy we 1928-nji ýyllaryň aralygynda, diňe Günorta Türkmenistanda dürli güýçlere eýe bolan 80 sany ýer titremesi hasaba alnypdyr. 1929-njy ýylyň Magtymguly aýynyň 1-nde Aşgabatda bolup geçen ýer titremesiniň netijesinde, şäherde 250 adamyň wepat bolandygy bize bellidir. Ýöne 1948-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 6-syna geçilýän gijedäki bolup geçen ýer titremesini öňküler bilen deňeşdirer ýaly däldi. 1948-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 6-syna geçilýän gijäniň 1 sagat 12 minut 5-nji sekundynda aýylganç harasat gopupdy. Bu senäni we hadysany Türkmenistanyň her bir ýaşaýjysy ýatda saklamalydyr. Şonda birnäçe sekundyň dowamynda, ýurduň paýtagty Rihteriň ölçeg birligi boýunça 10 ball güýji bolan ýer titremesi netijesinde weýran bolupdy. Ýakyn wagtlara çenli biz ýer titremesinde wepat bolan şäher ýaşaýjylarynyň anyk sanyny

bilmeýärdik. Bu näme üçin beýle bolduka? Onuň sebäbi daşary ýurtlaryň ýörite gulluklarynyň Aşgabadyň eteginde atom bombasynyň synalyp görlendigi hakyndaky aýdan pikirleri bilen baglanşyklydy. Merkez Günbataryň bu pikirine jogap hökmünde daşary ýurtly habarçylyryň ýykyp-ýumrulan zolakda peýda bolmaklaryny gadagan edipdir. Sowet ýolbaşçylygynyň dikeldiş işleri bilenem, pida bolanlaryň sany hakdaky maglumat bilenem gyzyklanman, olar hakdaky aladany başga adamlaryň üstüne ýükläpdir. Olaryňam pida näçe az bolsa, şonça-da gowudygy barada görkezme alan bolmaklary bolup biläýjek zat. Ine, şeýdibem wepat bolanlaryň 17 müňdügi, 25 müňdügi, 33 müňdügi hakyndaky maglumatlar peýda bolýar. I.Staline 17 müň sany aşgabatlynyň wepat bolandygyny habar berýärler! Şäher ýeriň ýüzünden süpürilip taşlanypdy, resmi maglumatlar bolsa kän bolanda 33 müň sany wepat bolan adamlardan söz açýardy. Ýönekeý adamlaryň gahrymançylygy, olaryň mertligi we durnuklylygy, birek-birege berýän kömekleri dymmak bilen garşylanypdy. Harby hünärmenleriň tassyklamaklaryna görä, şäheri şular ýaly edip, diňe 500 sany bomba zyňyjy uçar 6 aýyň dowamynda gije-gündizläp yzyny üzmän bomba zyňanda ýumrup biljekdiler. Seýsmologlaryň maglumatlaryna görä, 1948-nji ýylyň ýer titremesiniň merkezinde magnitudanyň 7,3-e barabar bolup, onuň esasy ojagy 18 km çuňlukda ýerleşipdir. Onuň güýji ýüzlerçe atom bombasynyň ýarylmagyna deňdi. Hatda Moskwada-da topragyň 0,4 mm ýerinden süýşendigi bellige alnypdyr. Ine, Aşgabatda bolup geçen ýer titremesi şeýle güýje eýedi.[133] Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy bu aýylganç wakany başyndan geçirenleriň biridir. Bu hakda ýatlap Ol mukaddes Ruhnama kitabynda: «Taňrym türkmen halkyny ýene bir synagdan geçirdi, 1948-nji ýylyň 6-njy oktýabry gijesi Aşgabatda ýer titräp, owadan şäherimiz bir gijede weýran boldy. Paýtagtymyzda ýaşaýan 198 müň adamdan 176 müň adam bir gijede şehit boldular, galanlarynyň köpüsi maýyp-müjrüp galdylar... Ol heläkçilik biziň hem maşgalamyza degdi, ilki agşam ýatanymyzda dört başdyk, 33 ýaşly mähriban ejem, 10 ýaşly uluja doganym Nyýazmyrat, 6 ýaşly jigijigim Muhammetmyrat, şol gije şehit boldular, ertir daň atanda ýykylan öýümiziň üstünde, entek sekiz ýaşy dolmadyk men otyrdym. Şeýdip, alty gije-gündiz ýeke özüm oturdym, ejemiň, kakamyň garyndaşlary ýedinji gün gelip ölen käbämi, doganjyklarymy äkidip, Ymam Kasym öwlüýäsinde jaýladylar. Şol alty gije-gündizde çagalyk döwrümiň gutarandygyny bildim, gözümdäki ýaşlar ebedilik gurady...»[134] diýip ýazdy.Ýer titremesinden soňky ilkinji iki günüň dowamynda Aşgabat bilen diňe howa arkaly aragatnaşyk saklamak mümkin bolupdy. Aşgabatlylara diňe bir Türkmenistanyň beýleki şäherleriniň ýaşaýjylary doganlyk kömegini bermäge howlukman, Özbegistanyň, Gazagystanyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň, Ermenistanyň we beýleki respublikalaryň halklary hem kömek bermäge howlugypdyrlar. Bu respublikalar ýetim galan çagalary, ýaralananlaryň köp sanlysyny wagtlaýynça kabul edipdirler. Ejir çeken ilata kömek bermek üçin Moskwadan, Bakudan, Almatadan, Daşkentden we beýleki şäherlerden Aşgabada 1000 sany lukman we lukmançylyk bilen bagly beýleki hünärmenler geldiler. Ýerli ýaşaýjylara harbylar hem kömek beripdirler. Şähere ýüzlerçe çadyr, ýyly zatlar, azyk önümleri gelip gowuşdy, meýdan naharhanalary işläp başladylar, çadyrlarda ýerleşen hassahanalar ýaralananlary kabul edip başladylar.Ýer titremesi Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň bilini üzdi. Respublikada öndürilýän ähli senagat önümleriniň 50%-i Aşgabadyň paýyna düşýärdi. Şäherde işlemäge ukyply bir kärhana-da galmandy. Senagat enjamlary, taýýar önümler, çig mal, her hili emläkler, azyk ammarlary kesek astynda galypdy. Şäherde soýuz ähmiýetli kärhanalary hem goşaňda, jemi 200 sany kärhana zyýan çekipdi.[135]

Bu kyn günlerde aşgabatlylar jebisleşmegi başardylar. Adatça, şular ýaly betbagtçylyklardan soň diri galan adamlar öz ýaşan ýerlerini mydamalyk taşlap gidýärler we diňe müňlerçe ýyllardan soň, arheologlar terk edilen gadymy obalaryň harabalyklarynyň üstünden barýardylar. Aşgabatlylar öz şäherlerini terk etmediler. Olar paýtagty başga ýere göçürmekden belli-külli ýüz öwürdiler. Diri galan adamlar senagat önümçiligini ýola goýmak maksady bilen şäheri ýykan-ýumranlyklardan arassalapdyrlar. Iki günüň dowamynda demirýol täzeden dikeldilip, bir aýdan soň bolsa käbir kärhanalar işläp başlapdyr. Binagärler täze paýtagtyň meýilnamasyny işläp-taýýarlamaga girişipdir. Şäherde asfaltyň, agaçlaryň, aryklar ulgamynyň saklanyp galandygyny göz öňünde tutup, taslama düzüji guramalar serişdeleri tygşytlamak üçin meýilnama esas edip, Aşgabadyň öňki, ýagny, XIX asyryň ahyryndaky meýilnamasyna salgylanypdyrlar.[136] Bu ýagdaý, elbetde, paýtagtyň keşbine öz möhrüni basyp, onuň doly derejede ösmegine ýol bermändir.

Şäheriň Baş meýilnamasynyň üstünde arhitektorlaryň kelle döwýän pursatlary şäherde wagtlaýyn ýaşaýyş jaýlary peýda bolup, olar gurlanda şäheriň meýilnamalaşdyrylan gurluşy göz öňünde tutulmandyr. Döwletiň güýji bilen gyssagly ýagdaýda wagtlaýyn gurnama ýaşaýyş jaýlary we dolandyryş edaralarynyň jaýlary döräpdir.[137] Binagär R.Myradowyň bellemegine görä, «Däp bolup gelýän durmuş ýörelgeleri, halkyň gözellige düşünişi bilen dürli-dürli sebitlerde birmeňzeş ýaşaýyş jaýlaryny gurup, döwlet tarapyndan ilatyň boýnuna dakylýan gurşawyň arasyndaky gapma-garşylyklar 1958-nji ýyldan soň hasam ýitileşdi. Şol döwürde Aşgabatda arzan düşýän, üç we dört gatly taýýar diwarlary seplemek arkaly gurulýan jaýlardan ybarat bolan etrapçalar köpçülikleýin gurlup başlanypdy. Bu etrapçalaryň harby şäherçeler ýaly edilip meýilnamalaşdyrylmagy köçe, howly ýaly düşünjeleri ýok edip, olary belli bir sypata eýe bolmadyk durmuşdan üzňe giňişlik bilen çalyşýardy».[138]

Aşgabady täzeden dikeltmegiň Baş meýilnamasy durmuşyň talaplaryndan düýbünden üzňe bolup çykdy. Öňem aýdyp geçişimiz ýaly, ol köçeleriň ulag ulgamynyň ösüşi nazara alynman, bagçylygy ösdürmek we ş.m göz öňünde tutulman gurlan köne ulgamyna daýanýardy. Hernäme-de bolsa, şol döwürde «Aşgabat» myhmanhanasy, Türkmenistanyň Milli kitaphanasyny, Mollanepes adyndaky drama teatrynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň diwanynyň jaýlary ýaly, öz gaýtalanmajak keşpleri bilen häzirem gözüňi dokundyrýan jaýlaryň hem Aşgabatda peýda bolandygyny inkär edip bolmaz.

Ýöne başga hili Aşgabadam bardy. Belli bolşy ýaly, 1948-nji ýylyň aýagynda paýtagtda wagtlaýyn jaýlaryň 16641 sanysy gurlupdy. 1990-njy ýylda, ýagny, ýer titremesinden kyrk ýyl geçenden soň, şäherde wagtlaýyn jaýlaryň henizem 2700 sanysy salnyp, olarda 18 müňden gowrak adam ýaşaýardy.[139] Men ilatyň esasy bölegi ýaşaýan gurnama jaýlar hakynda-ha aýdybam oturamok.

1965-nji ýylda amerikan syýahatçylary Jon we Meri Korwenler guwanç bilen şeýle ýazypdyrlar: «Men we aýalym ikimiz Aşgabat şäherine, onuň giň köçelerine, häzirki zaman ýaşaýyş jaýlaryna, seýilgählerine, hökümet edaralarynyň jaýlaryna haýran galdyk. Biz gadymy şäheri görermikäk öýdüpdik, ýöne oňa derek gözümiziň öňünde häzirki zamanyň ösýän, senagat kärhanalary bolan şäheri peýda boldy. Bizde şäheriň binagärçiligi ajaýyp täsir galdyrdy. Owadan agaçlary, gülleri, kärhanalary görüp, biz haýran galdyk».[140] Häzirki döwürde täze köçeler, täze kärhanalar, täze dolandyryş we medeni jaýlaryň arkasyndan tanalmaz ýaly derejede özgeren Aşgabady synlap, Korwinleriň maşgalasynyň aýtjak sözlerini bilmek diýseň gyzykly bolardy!

## AŞGABAT – GARAŞSYZ, BITARAP TÜRKMENISTANYŇ PAÝTAGTY

**Biz öz paýtagtymyzy asyrlaryň dowamynda ýaşamak üçin gurýarys. Geljege nazar aýlap, biz welilik satjak bolamzok, biz öz ruhy güýjümize, kuwwatly ykdysady mümkinçiligimize, deňsiz-taýsyz taryhy we medeni mirasymyza daýanýarys.**

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

1991-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 27-sine Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe boldy. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň daşynda jebisleşen türkmen halky öz ähli güýjüni adalatly, sazlaşykly ösen jemgyýeti gurmaga gönükdirdi. Eýýäm 1992-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy hoşniýetli bitaraplyk syýasatyna eýerjekdigini bütin dünýä jar etdi. Ýurt dünýä bileleşigine okgunly goşulýardy we bitarap döwlet bolmaga taýýarlanýardy.

1995-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 12-si türkmen halkynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy, sebäbi hut şu günde Birleşen Milletler Guramasy resmi taýdan Türkmenistanyň Bitaraplygyny ykrar edipdi.[141]

Aşgabat öz beýik derejesine laýyk gelmelidi we hakykatdanam bitarap döwletiň paýtagtyna öwrülmelidi. Bu ugurda edilmeli işiň bolsa sany-sajagy ýokdy. Tutuş şäheri çalamydar jaýlar gurşap alypdy, şäheriň merkezinde henizem birmahalky «wagtlaýyn» diýlip salnan jaýlar bardy. Aşgabadyň dürli ýerlerinde, başlanyp – taşlanan desgalara näçe diýseň duşmak bolýardy. Sowetler döwrüniň bu mirasyndan basymrak dynmalydy. Milletiň atasy binagärleriň öňünde gysga wagtyň içinde milli binagärçilik we şäher gurluşygy bilen baglanyşykly meseleleri çözüp biljek taslamalary işläp taýýarlamak baradaky wezipäni goýdy.

Paýtagtyň günorta tarapynda (Berzeňňide) bolan we häzirki döwürde Aşgabadyň işewür bölegine öwrülen myhmanhana, edara jaýlarynyň toplumy Garaşsyzlyk eýýamynyň binagärçiliginiň ilkinji buşlukçysy boldy. «Arkaç», «Gara altyn», «Nebitçi», «Aziýa» we şolara meňzeş myhmanhanalar milli binagärçilik ösüşini alamatlandyrdylar. 1994-nji ýylyň ahyrynda Merkezi Aziýadaky iň uly aýeroport bolan Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Halkara aýeroportynyň gurluşygy tamamlandy. Bu eýýäm geljege tarap ädilen okgunly ädimdi. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şäheriň täzelenýän durky barada: «Biz Aşgabadyň durkuny düýpli täzelemäge girişenimizde düşünmedikler we biziň bellän meýillerimizi goldamakdyklar hem bolupdy. Köp adamlar şäher garaşar, serişdeleri ykdysadyýete, oba hojalygyna, ýaşaýyş-durmuş pudagyna aýawly harçlamaly diýip hasap edýärdi. Elbetde, bularyň hemmesi ilkinji derejeli wezipelerdi we şularyň hasabyna, şeýle möhüm we gaýragoýulmasyz bolsa-da, beýleki meseleleri çözmek ýol bererlikli däldi. Ýöne başga zada, döwlet gurluşygynda hiç bir zadyň ikinji derejeli bolmaýandygyna hem düşünmek gerek. Adama degişli zerurlyklar ýaly, şäher zerurlyklary hem şu babatda ynsanyň özi ýaly, tutuşlygyna jemgyýetdir döwlet hem umumy medeniýeti emele getirmegiň aýrylmaz alamaty bolup durýar. Aşgabady ozalky kaddynda goýan bolsak, onuň sebitiň ylalaşdyryjy merkezi hökmünde hem, iki yklymyň galtaşýan örän wajyp çatrygy hökmünde hem, döwletimiziň pajarlap ösüşini görkezýän paýtagt hökmünde hem özümiziň şu günki günde durmuşa geçirýän wezipelerimizi amala aşyrmak, şeýle hem onda öz raýatlarymyzyň watançylyk we gözellik duýgularyny ýüze çykarmak bize başardarmyka?! Şäherler-adamlar,

şol sanda ertirki gün dünýä injek nesiller üçin gurulýar. Şäher gurluşygyna öz döwrümize bolany bolar-da diýen dar nukdaýnazarlardan, telper pelsepeden çemeleşmek bolmaz. Aşgabat eýýäm tanalmaz ýaly özgerdi. Ýyllar geçer we ol düýbünden başga, dünýäde örän gözel şäherleriň birine öwrüler. Ol öz çäklerini giňeldip, Köpetdagyň jana şypaly salkyn giňişliklerine aralaşar, täze şaýollar hem-de seýilgähler, täze ýaşaýyş jaýlary, işewür we maliýe merkezleri, giň awtoýollar hem-de häzirki zaman ulgamlary bilen gurşalar, ýöne ondaky hiç bir zat ynsan durmuşyndan üzňe bolmaz»[142] diýip ýazdy.

Garaşsyzlyk bilen birlikde öňki Sowet Soýuzynyň düzümindäki iň bir yzagalak döwleti miras alan wagtymyzda peşeneli myhmanhanalaryň, sebitdäki iň gowy aýeroportyň we beýleki binalaryň gurulmagy hakykatdanam gahrymançylyk bolup, şäher gurluşygyny ösdürmäge uly itergi berdi. 1993-nji ýylyň ahyrynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy «Türkmenistanda şäher gurluşygy hakynda» diýen Kanuna gol çekdi. Bu kanunda taslamalary maliýeleşdirmegiň, derňemegiň, ylalaşygyň we amala aşyrmagyň düzgünleri anyk beýan edildi, ýazarlyk hukugy bilen baglanyşykly meseleler kadalaşdyryldy, binagärçilik şäher gurluşygy bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklaryna girýän taraplaryň jogapkärçiligi anyklaşdyryldy. Şu Kanunyň esasynda Aşgabat şäher häkimligi ýörite karar kabul etdi.[143]

1992-nji ýylyň ahyrynda Aşgabat şäherini we onuň töwereklerini ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli baş meýilnamasynyň ýörelgesi işlenip taýýarlanyldy. Bu ýörelge esasynda täze dolandyryş serhetleri kesgitlemek arkaly Türkmenistanyň paýtagtynyň ösüşi göz öňünde tutulýar. Aşgabadyň çägine günbatarda Gökdepe, gündogarda Änew we Gäwers girer. Günbatarda Serdar şäheri, gündogarda Tejen şäheri bolsa paýtagtyň sebitine öwrüler. Bu meýilnama yzygiderli kämilleşdirilip durulýar, täze gözlegler dowam edýär. Resminamanyň käbir bölekleri ret edildi, sebäbi olar şäher gurluşygy barada häzirkizaman garaýyşlaryna laýyk gelmeýärdi. Aşgabady ösdürmegiň Baş meýilnamada göz öňünde tutulan ugurlaryny hem üýtgetmeli boldy. Sebäbi günorta-günbatar tarapda ýer asty süýji suwuň ýatagy tapyldy. Ol şäheri hojalyk zerurlyklary üçin gerek bolan suw bilen üpjün etmegiň esasy çeşmeleriniň birine öwrüler. Ondan başga-da Köpetdagyň dagetek zolagynda, ýagny, häzirki gurluşyk alnyp barylýan ýerleriň günbatarynda we günorta-günbatarynda ýersaty gatlaklaryň ýagdaýy barlanyp, şäheriň bu böleginde kän gatly jaýlaryň gurluşygy ýatyryldy.[144]

Merkezde Türkmenbaşy Köşgüniň gurulmagy bilen Türkmenistanyň paýtagty özüniň gaýtalanmajak keşbine eýe boldy. Bu saldamly bina milli binägärçiligiň gaýtalanmajak dünýäsini özünde jemlemek bilen şäheriň umumy meýilnamalaşdyryşynda esasy orny eýeledi. Bu äpet bina oňa ýanaşyk ýerleşýän desgalary hem ulaltmagy talap etdi. Paýtagtyň merkezi meýdançasy, hökümet münberi, gök gupbaly Ruhyýet köşgi ( ol 12 müň inedördül metr meýdany tutýar), Goranmak ministirligiň jaýy we Adalat köşgi, ondan aňyrda Mejlisiň we Merkezi bankyň jaýlary Türkmenbaşynyň Köşgi bilen bir ulgamy emele getirdiler. Beýleki bir tarapdan, Türkmenbaşynyň köşgüne tagan görnüşindäki öý ojagyny alamatlandyrýan Bitaraplyk binasy ýanaşýar. Bu ýadygärligiň gapdalynda bolsa 1948-nji ýyldaky Aşgabat ýer titremesinde wepat bolanlaryň hormatyna dikeldilen ýadygärlikler toplumy ýerleşýär. Ol öz şahynda ikä bölünen Ýer şaryny göterip, ýörite beýgeldilen tekiz meýdançada duran kuwwatly öküzden ybarat. Bu binalaryň hemmesi hem türkmen binägärçiliginiň däplerine laýyklykda salnypdyr we paýtagtyň merkezine gaýtalanmajak gözellik berýär.

Paýtagtyň günortasyndaky Milli seýilgähiň merkezinde Türkmenistanyň iň belent desgasy bolan (beýikligi 118 metr) äpet Garaşsyzlyk Binasy ýokary göterilýär. Onuň öňünde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň heýkeli dur. Desganyň aşaky bölegi türkmeniň ak öýüniň görnüşinde gurlup, ondan ýokarlygyna uzyn myh uzalyp gidýär.

Aşgabadyň günortasyndaky işewür adamlaryň merkezinde täze myhmanhana toplumlary peýda boldy. Olaryň arasynda «Buig Batiman» atly fransuz bileleşigi tarapyndan gurlan 17 gatly bina bolan «Prezident oteli» hasam tapawutlanýar. Ak italýan mermeri bilen örtülen bu myhmanhana ýokary halkara ölçegine gabat gelýär. Ony diňe alty ýyldyzly gämi-otel bolan «Silwer Wisper» bilen deňeşdirmek mümkin. Onuň ýokary gatlarynda prezidentler üçin niýetlenen otaglar ýerleşýär. Şonuň ýaly-da, ol ýerde hyzmat edýän adamlara, janpenalara niýetlenen otaglaram, ýatylýan otaglaram, prezident üçin niýetlenen aýratyn otagam, kabulhanadyr mejlisler zaly hem ýerleşýär. Beýleki myhmanlara hyzmat etmek üçin bolsa 147 sany bir we iki otagly kaşaň otaglar niýetlenipdir. Binagärçilik sungatynyň bu kämil eseriniň daş töwereginde suw çüwdürimleriniň iki toplumy, gök agaçlar, tomusda suwa düşmek üçin niýetlenen howuz, tennis oýnalýan meýdançalar, ulaglary goýmak üçin duralga bar. Myhmanhananyň çägine girýän 3 gektar ýere tutuşlygyna bezeg üçin ulanylýan granit daşy düşelipdir. Onuň golaýynda wertolýot gonmak üçin meýdança-da bar.[145] Gepiň gerdişine görä aýtsak, şäheriň merkezinde bäş ýyldyzly «Ak altyn», «Nusaý», «Grand Türkmen» myhmanhanalary gurlup, öňki döwre degişli «Aşgabat», «Türkmenistan», «Syýahat» myhmanhanalary üýtgedilip gurlup hem-de bejerilip, üç ýyldyzly myhmanhanalara öwrüldiler.

Şäheriň işewür adamlaryna niýetlenen böleginde telekeçilik merkezi, Merkezi Aziýadaky iň uly muzeý bolan Türkmenistanyň Milli muzeýi we beýlekiler ýerleşýärler. Ýaňy-ýakynda ol ýerde ýurduň nebit-gaz ulgamynyň merkezi edarasynyň häzirki zamanyň iň ýokary talaplaryna gabat gelýän 25 gatly jaýy – Aşgabadyň iň belent jaýlarynyň biri bina edildi. Şäheriň dürli ýerlerinde täze restoranlar, banklaryň jaýlary (Garagumbank, Halkbank, Senagatbank we beýlekiler), telekeçilik merkezleri, daşary ýurt firmalarynyň edara jaýlary, wekilçilikleriň, ilçihanalaryň, söwda merkezleriniň («Altyn Asyr» söwda merkezi, Aşgabatdaky iň uly supermarket bolan «Ýympaş» we beýleki) jaýlar bina edildi.

Paýtagtda türkmeniň milli we gündogar däplerini özlerinde jemleýän ajaýyp metjitler guruldy. Şehitleriň metjidi, Hoja Ahmet Ýasawy, Hezreti Omar metjitleri şähere aýratyn gelşik berýärler. Türkmen-Osmanly şadöwletiniň düýbüni tutan Osman Gazynyň kakasy Ärtogrul Gazynyň adyny göterýän metjit şäheriň çägindäki iň uly metjitdir. Ol Osman binagärçiliginiň ähli talaplaryna laýyklykda gurlup, 27 müň inedördül metr meýdany tutýar we 3000 müň adama niýetlenendir. Onuň gapdalynda Türkiýäniň medeni merkezi we «Norsel» türk myhmanhanasy ýerleşýär.

Şu ýerde Gypjak obasynda ýaňy-ýakynda işe başlan Türkmenbaşynyň ruhy metjidi hakynda ýörite durup geçmek gerek. Ol Merkezi Aziýadaky iň uly metjit bolup, bir wagtyň özünde 20 000 adamyň namaz okap bilmegi üçin niýetlenendir. Onuň gözelligini hem hiç bir metjit bilen deňär ýaly däl.

Türkmenistanyň hökümeti ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna hem uly üns berýär. «Howdan», «Parahat» etrapçalary dolulygyna diýen ýaly gurlup gutaryldy. 2002-nji ýylyň Sanjar aýynyň 25-ne Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşi köp gatly, oňaýly we giň, hususy jaýlary gurmak barada ýörite karar kabul etdi. Eýýäm häzirki döwürde Türkmenistanyň paýtagtyny uly ýollaryň ugrunda ýerleşýän, kän gatly we ýokary

derejedäki oňaýlylygy bilen tapawutlanýan, ak mermere bürenip oturan jaýlaryň 30-a golaýy bezeýär. Täze jaýlar Türkmenistanyň ministrlikleriniň we edaralarynyň we Aşgabat şäher häkimliginiň hasabyna guruldy. Bu jaýlara göçüp baranlaryň esasy bölegi ol edaralaryň öz işgärleri bolup, olar başda jaýlaryň umumy bahasynyň 50 göterimini, galan bölegini bolsa 15 ýylyň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan tölemeli. Täze salnan jaýlaryň, takmynan, üçden biri biržanyň üsti bilen paýtagtyň ýaşaýjylaryna doly bahasyna satylýar. Öňki harabaçylyklaryň ornunda gurlan täze jaýlar özbaşdak ýyladyş, suw üpjünçiligi, elektrik ulgamlyryna eýedir. Jaýlaryň ilkinji gatlarynda dükanlar, çagalar baglary, kir ýuwýan kärhanalar, sertaraşlar, dermanhanalar ýerleşýär. Olaryň töwereginde çagalar oýnar ýaly meýdançalar, tennis meýdançalary, awtoulaglary goýulýan ýer hem bar.

Ýurduň Prezidenti ösüp gelýän nesliň beden terbiýesi we onuň sport bilen gyzykmagy barada ýörite aladalanýar. Şol maksatlar üçin paýtagtyň ajaýyp «Köpetdag» stadiony we Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Olimpiýa sport ulgamy bina edildi. Bu äpet uly ulgam 36 müň tomaşaçy üçin niýetlenip, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýolynyň ugrundaky çagyly alnyp, taşlanan çukuryň ornunda bina edildi. Toplumyň düzümine stadion, tälim almak üçin niýetlenen futbol meýdançasy, welotrek, ýapyk olimpiýa jaýy, ýaýdan peýkam atmak üçin açyk meýdança, tüpeňden ok atmak üçin niýetlenen desga girýär. Onuň çäginde üsti açyk amfiteatr, restoran, kiçeňräk botaniki bag, sergiler merkezi, myhmanhana we awtoulaglary goýmak üçin ýerler hem bar.[146]

Paýtagtda lingafon we kompýuter otaglary bolan umumy bilim berýän täze mekdepler eýýäm işe girizildi. Bulary, hakykatdanam, türkmen gelejeginiň mekdepleri atlandyrmak mümkin. Köpetdagyň etegindäki, owadanlygy bilen haýran galdyrýan künjekde täsin gurluşa eýe bolan özbaşdak çagalar şäherçesi, Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Zia bin Sultan an-Nahaýanyň adyny göterýän ýetim çagalaryň Köşgi uzalyp ýatyr. Ýokary okuw jaýlaryna hem ägirt uly üns berilýär. Eýýäm harby okuw tälimine niýetlenen ýokary okuw jaýlarynyň talaplaryny ödeýän we gelşikli daş keşbi bilen tapawutlanýan Harby institunyň jaýy dabaraly ýagdaýda açyldy.[147] Tiz wagtdan Türkmenistanyň çeperçilik Akademiýasynyň täze jaýy hatara goşular. «Olimpiýa» sport ulgamynyň gapdalynda bolsa öz okuw jaýlary, umumy ýaşaýyş jaýy, dükanlary we ş.m. jemlenen, tutuş talyplar şäheri gurlup, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti şol ýere göçüp barar.

Türkmenistanyň Prezidenti ylymdyr medeniýete hem az üns berenok. Paýtagtda Gurbansoltan eje adyndaky türkmen halysynyň Muzeýi işläp, ol köne we täze halylaryň, haly önümleriniň dünýädäki iň uly toplumyny özünde jemleýär. Onda saklanýan iň gymmatly nusga hem dünýädäki iň uly haly bolan «Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn asyry» diýip atlandyrylan, 301 inedördül metr meýdany, bir tonnadan gowrak agramy bolan halydyr. Bu äpet haly 2001-nji ýylda Ginnesiň täsinlikler kitabyna girizildi. Bu halyny görkezmek üçin ýörite sergi otagy guruldy.[148] Aşgabatda Türkmenistanyň Döwlet arhiwiniň köne jaýy üýtgedilip gurlup, onuň gapdalynda ýene bir täze jaý dikeldildi. Türkmen halkynyň gadymy golýazma kitaplary Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň täze jaýynda saklanýar we öwrenilýär.

2004-nji ýylyň başynda paýtagtyň merkezinde Magtymguly adyndaky sazly-drama teatry açyldy. Ak italýan mermerine bürenip oturan täze teatr paýtagtyň ajaýyp binagärçilik däpleriniň sazlaşykly utgaşmagyny häsiýetlendirýär. Teatryň öň tarapyny 15 sany mermer sütünler bezeýär. Tutuş desganyň ýokarsynda bolsa täsin gupba howalanyp dur.

Tomaşaçylar aýmançasy 750 orunlyk bolup, sahnanyň meýdany 300 inedördül metre golaýdyr.[149]

Häzirki wagtda paýtagtda Mollanepes adyndaky Milli drama teatrynyň, Berzeňňide Alp Arslan adyndaky teatryň jaýlary, şekillendiriş sungatynyň muzeýi, umumy meýdany 60 müň inedördül metr bolan Sergi merkezi, Merkezi Aziýadaky iň uly söwda merkezi, täze Merkezi uniwermag, Milli kitaphana we muzeý, medeni toplum gurlup ýör.

Binagärler Türkmen Disneýlendiniň taslamasyny amala aşyrmaga girişdiler. Onuň gapdalynda gurjak teatrynyň jaýy gurlar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öňde goýan maksadyna görä, bu täsin seýilgäh diňe bir çagalygyň ajaýyp baýramçylyk adasy bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ýaş türkmenistanlylary halk däpleriniň ruhunda, çagalaryň göz öňünde janlanýan türkmen ertekileriň mysalynda terbiýelemek boýunça jadyly taýajyk bolmalydyr. Seýilgäh 60 müň inedördül meýdany tutar.[150]

Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmen-başynyň köşkleriň, metjitleriň, ýaşaýyş jaýlaryň, seýilgähleriň, medeniýet edaralarynyň we şuňa meňzeşleriň taslamalaryny işläp taýýarlamaga gönüden-göni özüniň gatnaşýandygyny, soňra bolsa ol desgalar tä ulanylmaga berilýänçä, taslamalary amala aşyrmak boýunça alnyp barylýan işleri öz gözegçiligi astynda saklaýandygyny aýratyn belläp geçmek gerek.

Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Sparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň ýaşaýjylaryna ýokary derejedäki lukmançylyk hyzmatynyň edilmegi barada-da aladalanyp durýar. Hassahanalar we saglyk öýleri täze enjamlara baý. Ýurtdaky bar bolan iň uly anyklaýyş merkezleri we hassahanalar paýtagtda ýerleşýär. Olara şäheriň merkezinde-de, onuň günortadaky iň belent böleginde-de duş gelmek bolýar. Bu ýerdäki howanyň aýratynlygy hassahana we anyklaýyş toplumlary bolan tutuş bir lukmançylyk şäherjiginiň döremegine ýardam edýär. XX asyryň başynda, ýagny, Zakaspiý oblastyny patyşa gulamlarynyň dolandyryp başlanyndan 20 ýyl geçenden soň, Aşgabadyň ilatyna edilen lukmançylyk hyzmatynyň ýagdaýynyň neneňsi bolandygyny bilmek gyzyklydyr. Bir wagtyň özünde diňe 15 adama hyzmat edýän hassahana Aşgabatda diňe 1893-nji ýylda açylypdy. Onuň üçin hususy öýleriň birini kireýine alypdyrlar. 1901-nji ýylda bolsa hassahana ýörite gurlan jaýa göçüp barypdy. Ýöne bu hassahanada ýatmak ýaşaýjylara diňe jebir berýärdi. Graf K.K.Palen «Türküstan ülkesini derňemek boýunça hasabatynda» şeýle ýazypdyr: «Her bir näsagyň paýyna 1,5 kub sažen howa düşýär, özünem juda ýönekeý gurluşy bolan howa ýelpeýjiler ony täzelemäge ýetişmeýärler. Näsaglary tomusda göni penjireleriň öňünde ýatyrmaly bolýar, şonuň üçinem, olar otagda parran geçýän howa akymlaryndan ejir çekýärler. Gyşyna bolsa howa şeýle bir dymyk bolýar welin, näsaglar bu hassahanada ýatmak islemän, lukmanlaryň kömeginden ýüz öwürýärler».[151]

Bu gün Aşgabatlylara bir umumy nokatda sowadylýan we ýyladylýan ulgamy bolan ajaýyp hassahana otaglary hyzmat edýär. Ol ýerde näsaglara oňat hilli naharlar berlip, zerur bolan lukmançylyk hyzmatlary edilýär. Tiz wagtdan lukmançylyk şäherçesinde eneligi we çagalygy goramak Instituty öz işine başlar. Onuň tutýan meýdany 14 müň inedördül metr bolup, bir wagtyň özünde 100 sany näsaga hyzmat etmek üçin niýetlenendir. Onuň umumy gymmaty Amerikanyň 30 million dollaryna barabardyr.[152]

Ilata häzirki döwrüň iň ýokary derejesinde enjamlaşdyrylan tiz kömek maşynlary hyzmat edýärler.

Bu günki gün Aşgabatda Türkmenistanyň ilatynyň 12%-i, ýagny, 800 müňdenem gowrak adam ýaşaýar. Tiz wagtdan bu san iki esse artar. Bu diňe bir ilatyň tebigy ösüşi

sebäpli şeýle bolman, eýsem, şäheriň çäklerine oba ýaşaýjylaryna degişli 11 müň gektar ýeriň degişli edilmegi netijesinde-de şeýle bolar.

Aşgabat – bu ýurduň senagat merkezidir. Bu ýerde azyk we ýeňil senagata, maşyn gurluşygyna we metal işläp-bejermäge degişli kärhanalar işleýär. Kabel öndürýän kärhana üýtgedilip guruldy we giňeldildi, elektrik çyralaryny öndürýän kärhana işe girizildi. 2009-njy ýyla çenli elektrodlary öndürmek boýunça kärhananyň gurluşygy doly tamamlanar. 2000-nji ýylda paýtagtyň dünýädäki iň bir iri dokma toplumlarynyň biri bolan «Türkmenbaşy tekstil kompleksi» işe girizildi. Onda taýýar önüm öndürmek üçin zerur bolan işleriň gutarnykly tapgyry ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, onda ýokary hilli ýüplügem egrilýär, mata-da dokalýar, trikotaž we taýýar önümlerem öndürilýär. Bu kärhana matalaryň 25 sany görnüşlerini we ýylda 76 million amerikan dollaryna barabar gymmaty bolan taýýar önümleriň köp sanly görnüşini satuwa çykarýar. Dünýäniň 17 ýurdy «Türkmenistanda öndürülen» diýen bellikli taýýar önümleri satyn alýarlar.[153]

2005-nji ýylyň ahyryna çenli Aşgabadyň demirgazygynda ýene bir egirme-dokma toplumy – Türkmenistanyň dokma senagatynyň esasy kärhanasy işe giriziler. Bu äpet kärhana ýylda 40 million inedördül metre golaý iri dokalan we 68 million inedördül metr reňkli matalary, şonuň ýalyda 20 million sany tikilen taýýar önümleri öndürer. Kärhanada üç müňden gowrak adam işlär. Häzirki döwürde Hytaýyň hünärmenleriniň kömegi bilen Aşgabadyň ýüpek egiriji kärhanasy täzeden abadanlaşdyryldy. Oňa 3 million 800 müň amerikan dollary harç edildi. Ol ýylda 260 tonna ýüpek kelebini egrer.

Şäheriň elektrik toguna bolan islegi Abadan şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky Döwlet Elektrik bekediniň hasabyna doly kanagatlandyrylýar. Elektrik togy bilen üpjünçilik 123 megawat kuwwaty bolan ikinji gaz turbinasy işe girizilenden soň hasam gowulandy. 248 megawat kuwwaty bolan birinji turbina 1998-nji ýylda işe girizilipdi.

Aşgabatda Türkmenabat – Mary – Aşgabat – Daşoguz – Türkmenbaşy şäherini birleşdirjek süýümli-optik telefon aragatnaşygyny geçirijiniň şahalary döredilýär. Şular ýaly ilkinji Aşgabat – Türkmenabat şahasy 1998-nji ýylda döredilipdi. Bu bolsa ýurtda durnukly telefon aragatnaşygyny ýola goýmaga mümkinçilik berer. Şonuň ýaly-da, öz-özi işleýän san telefon bekedi hem işe girizildi. Aşgabadyň ýaşaýjylarynyň 70%-iniň öýlerinde telefon bolar. Telefon aragatnaşyklyrynyň beýleki görnüşleriniňem germi giňär.[154]

Şäheriň durmuş hyzmaty gulluklary ýylda birnäçe gezek ýaşaýyş jaýlarynyň daş ýüzünde bejergi işlerini geçirýärler, jaýlaryň ýerzeminlerini arassalaýarlar. Şäherde köne suw geçiriji we ýyladyş ulgamlary yzygiderli täzelenip durýar, täze gaz geçirijileri çekilýär, çagalar oýnar ýaly meýdançalar we ş.m. işler geçirilýär. Häzirki döwürde Aşgabat şäheriniň Merkezi Aziýa boýunça iň gowy tehniki serişdeleri bar. Onuň garamagynda kuwwatly ýer sürüjiler, awtokranlar, ýük maşynlary, köp tonnalyk asfalt tekizleýjiler, ýol örtüginiň seplerini ýylmaýjylar, turba goýujylar, topragy suw bilen demrikdirijiler, suw, zibil daşaýan, köçeleri suwlaýjy maşynlar, şonuň ýaly-da kiçi göwrümli tehniki serişdeler bolan benzin bilen işleýän byçgylar we ot orujylar hereket edýärler. Bularyň ählisi-de dünýäniň iň täze tehnikalarydyr.[155]

Aşgabadyň jemgyýetçilik ulaglarynyň toplumy hem düýpli täzelendi. Onuň ýollarynda tanymal ýewropa öndürijileriň iň oňaýly awtobuslary, trolleýbuslary, belli bir ugur boýunça hereket edýän taksileri gatnaýar. Aşgabatda islän wagtyň iş tapmak bolýar. 2000 – 2010-njy ýyllar aralygynda bu ýerde 250 müň sany täze iş ýerleri döredilip, paýtagtyň işlemäge bolan islegini doly diýen ýaly kanagatlandyrar.[156]

Aşgabatda ulaglar arkaly edilýän hyzmatlaryňam germi giňelýär. 1994-nji ýylda gurlan halkara aýeroporty howa arkaly ýük daşalyşyny doly derejede üpjün edip bilmeýärdi. Aşgabadyň Merkezi Aziýanyň iň bir uly şäherleriniň birine öwrülmegi bu meseläni hasam çuňlaşdyrýardy. 1998-nji ýylyň ýazynda bahasy 85 million amerikan dollary bolan ikinji uçuş-gonuş zolagy işe girizildi. Ol iň agyr ýük daşaýjy uçarlary hem goşmak bilen howa gämileriniň ähli görnüşlerini kabul etmäge ukyplydyr. Howa gämileriniň hatary has giňelip, türkmen howa ýollarynda iň täze «Boing» uçarlary gatnap başlady.[157]

Demirýol aragatnaşygy güýçli depginler bilen ösýär. Garagum çölüniň üstünden geçýän Aşgabat – Daşoguz demirýolunyň gurluşygy ýurduň paýtagtyny Beýik ýüpek ýoly boýunça geçýän möhüm demirýol şahalary bilen baglanyşdyrar. Aşgabat halkara ýükleri daşaýan iň gysga demirýoluň möhüm nokadyna öwrülýär. Aşgabatda Merkezi Aziýadaky iň bir iri kärhanalaryň biri bolan Aşgabat demirýol menzili ýerleşýär. Ol 45 million amerikan dollarlyk täzeden enjamlaşdyryş işleri geçirilenden soň, teplowozlary bejerýän kärhananyň derejesini aldy[158].

Garaşsyzlyk ýyllary içinde şäheriň köçelerine düşelen örtükler we ýokary tizlige niýetlenen ulag ýollary iň ýokary dünýä ölçeglerine gabat gelýär. Aşgabat – Türkmenbaşy (585 km), Aşgabat – Garagum – Daşoguz (530 km), Aşgabat – Mary – Türkmenabat (600 km) ýollaryny täzeden bejermek işleri dowam edýär. Bu ýollaryň hemmesi birinji tehnologik toparyň ölçegleri boýunça: biri-birinden zolaklar arkaly ikä bölünýän ýoluň alty sany hatary bolup, ol bölekleriň her biriniň giňligi 12,25 metre barabar bolmalydyr. 2006-njy ýyla çenli Garagum çölüniň üstünden geçýän garaýoluň gurluşygyny tamamlamak göz öňünde tutulýar. Barha giňeýän paýtagt şäheriniň möhüm ýollarynyň biri bolup, Aşgabat-Gökdepe aýlaw ýoly hyzmat eder. Ol Türkmenistanyň gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky şaýoldan başlap, Aşaky Gökdepä sowulýan ýere çenli 32 km-e uzalyp gidýär. Aşgabatda kemala gelýän işewür adamlaryň merkezini şäheriň beýleki bölekleri bilen birleşdirýän, özüni ikä bölýän zolagyň her bir tarapynda dört hatar bolan, ulag gatnaýan bölegi 35 metrden ybarat bolan, ýanýodalar we sowulgynlar bilen birlikdäki giňligi bolsa 80 metre ýetýän ýol hem gurlup ýör. Türkmenistandaky iň giň ýol bolan bu şaýoly Arçabil şaýoly diýlip atlandyryldy. Şeýlelik bilen, eýýäm paýtagtyň awtoulaglar gatnaýan ýollarynyň umumy ulgam sudury aýyl-saýyl bolup ugrady. Aşgabady welaýatlaryň merkezleri bilen baglanyşdyrjak awtoulaglar gatnaýan ýollaryň ulgamynyň döredilmegi gadymy Ýüpek ýoly boýunça daşalýan ýükleriň üznüksiz daşalmagyny üpjün eder[159]. Eýýäm Aşgabat – Gürgen we Aşgabat – Maşat ugurlary boýunça awtobuslar gatnaýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan tassyklanan we paýtagtyň suw üpjünçiligini we kanalizasiýa ulgamlaryny düýbünden täzeçe enjamlaşdyrmagy, içimlik suwlary we akar suwlary arassalamak boýunça häzirki zaman toplumlaryny işe girizmegi, arassa ýerasty we bejeriş häsiýetli duzly suwlary gözlemek boýunça giň gerimli barlaglaryň geçirilmegini göz öňünde tutýan «2050-nji ýyla çenli Aşgabadyň suw üpjünçilik we kanalizasiýa ulgamlaryny ösdürmegiň Maksatnamasynyň» iş ýüzüne geçirilmegi netijesinde, Aşgabatda dünýäde görlüp eşdilmedik ýerasty şäher gurlar. Paýtagtyň ilaty 1 million 100 müň adama ýetende sarp edilýän suwuň mukdary bir gije-gündiziň dowamynda jan başyna 400 litr bolar, umumy sarp edilýän suwuň mukdary bolsa gije-gündizde 600 müň kub metre golaýlar. Bu häzirki döwrüň görkezijilerinden 25% ýokary bolar. 2006-njy ýylda ýerasty aragatnaşyk drenaž desgasy işe girizilende, şäher ulgamlarynyň geçiriljek ukyby gije-gündizde 900 kub metre deň bolup, bu 1 million 700

müň ilaty bolan şäheri suw bilen üpjün etmek üçin ýeterlik bolar. Bu ýerasty desga inženerçilik desgalary, suw sowgutlary, elektrik simleri we aragatnaşyk ugurlary üçinem hyzmat eder. Şeýlelik bilen, şäheriň ýerasty damary akar suw bilen baglanyşykly meseleleri 50 ýyl öňünden çözmäge mümkinçilik berer[160].

Türkmenistanyň Prezidentiniň paýtagty Gök guşak bilen gurşamak hakdaky karary şäheriň ösmegi üçin möhüm we öz wagtynda çykarylan karar boldy. Gök guşak şäheriň baglaryny, seýilgählerini, gezelenç meýdançalaryny özüne siňdirer. 1993-nji ýylda Aşgabadyň günorta böleginde Milli Garaşsyzlyk seýilgähiniň düýbüniň tutulmagy bu ulgamy döretmekdäki ilkinji ädim boldy. 170 gektar meýdandan ybarat bolan seýilgäh toplumynyň çäginde Garaşsyzlyk Binasy, Türkmenistanyň Milli gahrymanlaryna bagyşlanan ýadygärlikler toplumy (olaryň arasynda Oguz han Türkmeniň, Ärtogrul Gazynyň, Alp Arslanyň, Sanjaryň, Gorkut atanyň, Magtymgulynyň, Seýdiniň, Mollanepesiň we beýlekileriň ýadygärlikleri bar), 100-e golaý çyralar bilen ýagtylandyrylan suw çüwdürimleri ýerleşýär. Seýilgähi gülhanalar, arçalar, serwi agajy, dagdan, çynar, kedr agaçlary we beýleki agaçlar bezeýärler. Şäherde «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 10 ýyllygy» seýilgähi döredilip, onda, esasan, pürli agaçlar agdyklyk edýär. Onuň gabat-garşysynda bolsa «Altyn Asyr seýilgähi» ýerleşip oňa üýtgeşik suw çüwdürimleri, arkalar, suw gupbalary bezeg berýär. Köpsanly gezelenç meýdançalary, botaniki baglary we paýtagtyň köne seýilgähleri bilen birlikde täze seýilgähler ýurduň milli baýlygyny emele getirýärler[161].

Soňky bäş ýylyň içinde Aşgabatda we dagetek zolagynda 60 million düýpdenem köp agaç ekildi. Olaryň arasynda pürli agaçlaram (serwi agajy, arça, dag arçasy we ş.m.), ýaprakly agaçlaram (dagdan, akasiýa, söwüt, tut agajy) bar. Olar şähere ajaýyp görk berdiler. Paýtagtyň demirgazygynda bolsa ýaş tut agaçlary we babyl söwütleri Garagum derýasyny ýakalap otyrlar. Diňe 2004-nji ýylda paýtagtyň günortasynda miweli we bezeg agaçlarynyň 20 million düýbi oturdyldy. Jan beriji kislorod çeşmesi bolan arça jeňňellikleri peýda boldy. Bu ösümlikler topragy berkidýärler, ýerasty çyglary gorap saklaýarlar, sil akymlaryna garşy durýarlar. Türkmenistanyň Prezidenti 2002-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 10-na çykaran «Aşgabadyň dagetek zolagynda üzüm nahallaryny ekmek hakyndaky» ýörite kararyna laýyklykda, 400 gektar meýdanda üzümiň dänesiz we kişmiş edilýän görnüşleriniň 500 müň sany çybygy oturdyldy. Olaryň hemmesi damja usuly bilen suwarylýar. Şäheriň hemme ýerinde oturdylan ýüzlerçe müň güller göreniň göwnüni göterýär. Eýýäm şu günki günde paýtagtyň howasyny gowulandyrmaga we üýtgetmäge hyzmat etmeli bag-seýilgäh zolagynyň emele gelendigini aýtmak mümkin.[162]

Hawa, Garaşsyzlyk eýýamynyň 13 ýylynyň içinde edilen işleriň hemmesini sanap çykmagam mümkin däl. Halkyň ýolbaşçysy Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Aşgabadyň sebitde iň gowy şäher bolmagy üçin tagalla baryny edýär.

## N E T I J E

***Eger türkmeniň bäş müň ýylda guran taryhy şäherlerini hyýalyňda dikläp bolsady, onda şol geçen möwsümde onuň guran şäherleri dünýäniň ähli ýerini doldurardy.***

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy**

Aşgabadyň düýbi tutulanyna azyndan 2500 ýyl boldy! Ol şunça wagtlap ýaşady we ýaşamagyny dowam edýär. Onuň durmuşynda ýüze çykan arakesmeler weýran edijilikli uruşlar bilen baglanyşykly. Ýöne şäher her gezek täzeden dikeldildi we ýaşamagyny dowam etdi. Hünärmenler, arheologlar, binagärler, taryhçylar Köpetdagyň dagetek zolagynda ýerleşen şäheriň Türkmenistanyň we Merkezi Aziýanyň gadym döwürlerdäki we orta asyrlardaky beýleki şäherlerinden güýçli tapawutlanandygyna şaýatlyk edýär. Änew şäherinde-de, Aşgabat şäherinde-de öýleriň iç tarapy we daş tarapy diýen düşünjeler hem-de şäheriň daşyna aýlanan diwarlar, şonuň ýaly-da gala, şähristan we rabata bölünmek diýen zatlar çürt-kesik bolmandyr. Çölüň edil serhedinde ýerleşen şäher üçin beýle bölüniş maksada laýyk bolmandyr. Ýerli ilat goranyşyň dagynyk usulyny ulanypdyr. Ýöne, hernäme-de bolsa, uly bolmadyk berkitmeler, galalar we obalar bu ýerde bir bitewiligi emele getiripdirler. Obalar uly bolmadyk goşunlary bolan galalaryň daşyna jemlenipdir. Eger Parfiýa we seljuklar zamanasynda Aşgabat uly şäher bolan bolsa, XVIII – XIX asyrlarda ol asyrlardan asyrlara aşan berkitmeleriň we galalaryň jeminden ybarat bolan ýarym oba görnüşdäki şähere öwrülipdir. Binagär R.Myradow Ruhabat etrabynyň gadymy obalarynyň gala, bazar, kerwensaraý, senetçilik ussahanalary, ybadathanalar toplumy ýaly şähere mahsus alamatlarynyň, bolandygyny belläp geçýär[163].

Käbir ýazarlaryň aşgabatlylaryň oba hojalyk bilen meşgul-lanandyklaryny nazara alyp, onuň oba diýip atlandyrylmalydygy barada öňe sürýän pikirleri esassyzdyr. Umuman, XIX asyr türkmen şäherini oba hojalygyndan üzňe göz öňüne getirjegem bolmaly däl. Bu aýratynlygy biz öňem öwran-öwran nygtapdyk. Onuňam üstesine, Aşgabat şähere mahsus hyzmat ediş gulluklaryna we köp sanly ilata eýedi. Şäher Hywa we Persiýa bilen söwda aragatna-şygyny saklaýardy. Onuň üçin bolsa kerwensaraýlary, ammarlary we ş.m. gurmak zerurdy. Rus ýazarlarynyň özleri hem patyşa goşunla-rynyň bu ülkä aralaşmagyndan has öň Aşgabady şäher, Ahal ýaýlasynyň merkezi hasaplaýardylar.

Parfiýalylaryň şäheri, «Ärsagyň şäheri» her gezek täzeden örboýuna galýardy. Göýä ýerli ilaty bu ýer jadylap, özüne bendi eden ýalydy. Soňky ýüz ýylyň içinde Türkmenistanyň paýtagtynyň paýyna kän-kän synaglar düşdi: 1905-nji we 1917-nji ýyllaryň rewolýusiýalary, raýatçylyk urşy, iňlis ýörişleri, 1929-njy ýylyň ýer titremesi we Aşgabat ýeriň ýüzünden süpürip taşlan, 1948-nji ýylyň aýylganç ýer titremesi, sowet döwrüniň binagärleriniň şäheriň täze harabalyklary, wagtlaýyn ýaşaýyş jaýlary, başlanyp-taşlanan gurluşyklary, birmeňzeş jaýlary, tozanly we dar köçeleri bolan görnüksiz bir ilatly nokada öwren, soýuz respublikasynyň paýtagtyna däl-de, gyrak-bujakda ýerleşýän şäherçä meňzemegine getiren synaglary... Garaşsyzlyk Aşgabada täzeden jan berdi. Şäher bu döwre mydama garaşyp gelen ýalydy. Ukudan oýanan şäher özi barada edilýän aladanyň arkasyndan gadym eýýamlardaky ýaly pür-pudak ýaýratdy. Bitarap döwletiň paýtagtynyň waspy dilleriň senasyna öwrüldi. Bu ýere gelýän köp sanly syýahatçylar, halkara ylmy maslahatlaryna

gatnaşýan daşary ýurt alymlary, dürli ýurtlaryň ýokary derejeli syýasatçylary oňa bolan guwançlaryny gizläp bilmeýärler. Bu günki gün Aşgabat ägirt uly gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen halkyna: «Aşgabat dünýäniň iň owadan we iň üýtgeşik şäherine öwrülmelidir!» diýen çagyryş bilen ýüzlendi. Şondan bäri on ýyldan sähelçe gowrak wagt geçdi, ýöne şu gysga wagtyň içinde-de, Aşgabat tanalmaz ýaly özgerdi. Kaşaň, göze gelüwli jaýlar, giň meýdanlar we seýilgähler, giň şaýollar... Gurluşyklaryň germi aklyňy haýran edýär: Merkezi Aziýadaky iň uly aýeroport, dünýädäki iň gowy myhmanhalaryň biri bolan «Prezident-otel», Merkezi Aziýadaky iň uly muzeý, Aziýadaky iň uly olimpiýa toplumlarynyň biri, Merkezi Aziýadaky iň gowy anyklaýyş merkezleri, dünýädäki iň uly egirme-dokma toplumy, Merkezi Aziýadaky iň gowy enjamlaşdyrylan şäher tehniki üpjünçilik gullugy, Merkezi Aziýadaky iň uly Aşgabat demirýol düşelgesi, GDA-nyň döwletlerindäki iň gowy şaýollar, Aziýadaky iň uly ýerasty aragatnaşyk-drenaž sümelgesi... Bu sanawy tükeniksizlige çenli dowam etmek mümkin. Juda köp wagtlap öz aňymyzy çäkli giňişlige öwrenişdirip geldik. Türkmeniň ruhy bolsa çäksiz giňişligi küýseýärdi, onuň bu ymtylyşy Aşgabadyň daş keşbinde şöhlelendi. Gynansagam, biz Garaşsyzlyk ýyllary içinde Aşgabatda amala aşyrylan işleri sanamak bilen öz ähli hyjuwymyzy äşgär etmekden ejiz gelýäris. Ýeňişlerden habar berýän gury sanlaryň aňyrsynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan öňe alnyp barylýan müňlerçe adamlaryň gaýduwsyz, äpet zähmetleri ýatyr.

Aşgabat ösmegini, kämilleşmegini dowam edýär, ýöne ýene sanlyja ýyldan şäher gurluşyk binagärçiligiň kämil nusgasy, gadymy türkmen halkynyň ähli nesilleriniň mizemez, berk, erkin döwlet hakyndaky arzuwlarynyň hasyl bolmagynyň nyşany hökmünde bütin dünýä özüni tanadar.

Aşgabatda soňky 10 ýylyň içinde bolup görmedik adam bu günki gün türkmen döwletiniň ak mermere bürenip oturan paýtagtyny tanaman, serimsal bolýar. Şäheriň ýaşaýjylarynyň özleri hem daş-töwereklerinde bolup geçýän özgerişikleri yzyrlamaga ýetişmeýär. Eýläňe seredip ýetişmänkäň täze ýollar peýda bolýar, oňaýly ýaşaýyş jaýlary bina edilýär, dolandyryş we medeni merkezleri açylýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen hökümdarlarynyň iň gowy däplerini dowam etdirmek bilen «Keramatly Ärsag» şäherini täzeden dikeldip, oňa täze ömür bagyşlady.

Bu günki gün Aşgabada şowlap ýatan tekiz hem giň ýollar boýunça ak mermere bürenip, uzaklardan hellewläp görünýän derwezelerden arkaýyn girip bolýar. Gadymy berkitmäni – şäheriň şu günlere gelip ýeten nyşany bolup hyzmat edýän bu derwezeler gadymy mert we zähmetsöýer türkmen halkynyň paýtagtyna gowy niýet bilen gelýän her bir adam üçin açykdyr.

Goý, biziň Aşgabada bagyşlanan bu işimiz paýtagtymyzyň taryhyny doly we hemmetaraplaýyn öwrenmek üçin itergi bolup hyzmat etsin! Men Aşgabadyň gadymy döwürlerden başlap, Türkmen-başy eýýamyna çenli geçen döwürlerini öz içine alýan uly-uly jiltleriň ýazyljakdygyna ynanýaryn. Sowetler zamanynda içgysgynç çal binalar gurlan mahaly Aşgabadyň gadymy ýadygärlikleri rehimsizlik bilen ýok edilipdi. Biz ol ýadygärlikler barada XX asyryň başynda ýazylan az sanly makalalardan bilýäris. Aşgabat ösýär, özgerýär. Paýtagtyň daş töwereginde ýerleşen Parfiýa ýadygärlikleri tiz wagtda şäheriň çägine girer. Olary şu wagtdan ýüze çykarmaly we öwrenmeli. Tiz wagtda öňki Parfiýa welaýaty ýerleşen ýerde Aşgabadyň täze jaýlary we ägirt desgalary ösüp ýetişer.

Şeýlelikde, gadymy topragyň medeni mirasy paýtagtymyzyň taryhyna öwrüler. Bu medeni mirasy türkmenlerinden üzňe göz öňüne getirmek mümkin däl.